# بيان الشرك ومسائله عند أئمة الحنفية

**د.محمد بن عبدالرحمن الخميس**

***Dr. M. b. Abdurrahman el-Humeýýis***

*(Kitabyň asyl ady)*

***“Beýanü’ş-Şirk we wesailühü ynde Eimmeti’l-Hanefiýýe”***

# HANEFI ALYMLARYNA GÖRÄ

ŞIRK

# WE ONUŇ SEBÄPLERI

**Terjime eden: (Allanyň rehmedine umyt baglaýan bende).**

**Alla olaryň ähhlisine we şu kitaby okanlaryň ähhlisine rehim etsin.**

**المترجم: العبد الراجي رحمة ربه**

**رحمة الله على الجميع.**

## Hutbetu'l – Haje

«Hamd, diňe Alla üçindir, Oňa hamd edýäris, Ondan ýardam we magfiret (bagyşlanmak) dileýäris. Nefislerimiziň şerinden, ýaman amallarymyzdan Onuň penasyna girýäris. Alla kime hidaýat etse (ýagny, ony dogry ýola salsa) ony ýoldan çykarjak ýokdyr, kimi-de ýoldan azaşdyrsa oňa hidaýat etjek ýokdyr.

Alladan başga hiç bir taňrynyň ýokdygyna şaýatlyk edýärin. Ol täkdir we Onuň şärigi ýokdyr. Muhammediň hem Onuň bendesi we resulydygyna (ýagny, pygamberidigine, ilçisidigine) şaýatlyk edýärin.

**"Eý iman edenler! Alladan çyn gorky bilen gorkyň we diňe musulman bolup dünýäden ötüň."** (Äl-i Ymran süresi, 102)

**"Eý ynsanlar! Sizi bir nefisden** (ýagny, bir jandan ýagny Adamdan) **ýaradan we ondan hem jübütini** (ýagny, aýalyny) **ýaradan, şeýle hem ol ikisinden ençe erkekler we zenanlar ýaýradan Rebbiňizden gorkyň. Alladan gorkyň, siz Onuň adyny agzap biri-biriňizden dilegçilik edýärsiňiz, garyndaşlyk hukugyny äsgermezlikden hem ägä boluň. Alla siziň üstüňizde gözegçidir**" (Nisa; 1)

**"Eý iman edenler! Alladan gorkyň we dogry söz sözläň. Şonda Alla işleriňizi düzelder we günäleriňizi bagyşlar. Kim Alla we Onuň resulyna boýun bolsa onda ol uly bir utyş gazanar"** (Ahzap; 70-71)

Mundan soň Allanyň Resuly şeýle dowam etdi;

Hakykatda sözleriň iň dogrysy Allanyň kelamy, ýollaryň iň ýagşysy hem Muhammediň (a.w.s.) ýolydyr. Amallaryň iň ýamany bolsa täze toslanyp tapylanydyr. Täze toslanyp tapylan her amal bidgat, her bidgat zalalat (ýagny, ýoldan çykmaklyk), her zalalat bolsa Jähennemdedir»[1]

[1] 'Hutbetu'l-Haje' ady bilen meşhur bolan bu dogany, juma hutbalarynda we beýleki gürrüňlerinde okaýan Allanyň resuly (a.w.s.), sahabylaryna hut özi öwredipdir. Bu habary bize ýetiren hadysy bolsa Ymam Tirmizi sahyh bir senet bilen rowaýat edendir.

## GIRIŞ

**Tewhydyň** şirkiň garşysyna edýän söweşi, Nuhyň (a.s.) kowmyny Alla ybadata çagyryp, putlara çokunmakdan saklamaga başlan gününden tä bu güne çenli dowam edip gelýär. Nuhdan (a.s.) soň gelen pygamberler hem kowumlaryny, ybadata laýyk bolmaýan ýasama taňrylara çokunmakdan saklap, diňe Alla ybadat etmäge çagyrdylar. Tä Muhammet (a.w.s.) Alla tarapyndan pygamber edip iberilip, kowmyny Alla ybadata we Tewhyda dagwat (çagyryp) etmäge başlanda, kowmy oňa "ýalançy we jadygöý" diýdiler.

Ine bu, Tewhyda çagyryp Şirkiň soňuna çykmagyň ugrunda göreş eden her bir pygamberiň başyna gelen hal-ahwalatdyr. Şol sanda şol mertebeleri belent pygamberleriň ymmatlarynyň hal-ýagdaýlary hem birdir. Ol gün we bu gün şol bir söweş dowam edip gelýändir.

Şirk, Tewhydyň gapma-garşysy görnüşinde, ynsanlaryň başyna gelen iň elhenç kesel bolandygy sebäpli, biz hem bu kitapçany musulmanlara nesyhat bolmagy hem-de şirki tanap ondan saklanmaklary üçin ýazdyk. Çünki Alla (azze we jelle) öz Kitabynda;

**"Alla özüne** (her haýsy bir zady) **şärik edilmegini bagyşlamaz. Mundan başga islänini bagyşlar. Kim Alla şirk etse, onda onuň uly günä ýüklendigi bolar"** (Nisa; 48)

**"Kim Alla şirk etse, Alla oňa Jenneti haram edendir we onuň barjak ýeri bolsa Jähennemdir. Zalymlar üçin ol ýerde hiç ýardam berjek ýokdyr."** (Maide; 72)

Musulman doganym! Şirk ynsanyň beýik Alla garşy gitmekligi bolany üçin bu iň uly jynaýatdyr. Şol sebäpden şirk edip ölen ebedi Dowzahda galjakdyr. Alla tagala;

**"Kitap ehli[2] we müşriklerden kapyr bolanlar, Jähennem odunda ebedi galjakdyrlar. Olar ynsanlaryň iň ýamanlarydyr"** (Beýýine; 6)

### Beýle bolsa şirk näme?

Şirk, Allanyň zatynda,[3] sypatlarynda, uluhyýetinde,[4] ýa-da mülkünde her haýsy bir şäriginiň bardygyna ygtykat etmek, ynanmakdyr. Şol sebäpden, nähili küfür (kapyrçylyk) imanyň tersi bolýan bolsa, edil şonuň ýaly şirk hem Tewhydyň bütünleý tersidir.

[2] Kitap ehli – özlerine kitap indirilen ýahudiler we hristiýanlar üçin ulanylýan termin.
[3] Allanyň zaty – Allanyň Özi we barlyk hakykaty.
[4] Uluhyýet – Allanyň ybadat edilmäge laýyklygy.

**Şirkiň görnüşleri:**

Şirk esasy iki bölüme bölünýär.

**1. Uly Şirk:**
**2. Kiçi Şirk:**

**1. ULY ŞIRK:**

Uly şirk, her haýsy bir zady Allahu Tagala bilen deň derejede tutup oňa ybadat etmeklik, Alla etagat edip boýun bolmak ýaly şol kişä ýa-da närsä boýun bolmaklyk, ony Alla şärik etmeklikdir. Uly şirk sözüň doly manysynda şirkiň iň agyry bolup, kişini Yslamdan çykaryp ony ebedi Jähennem oduna salýar.

**ULY ŞIRKIŇ görnüşleri.**

***Dogada Şirk:**

Dogada şirk, Alladan başkasyndan, pygamberlerden ýa-da ewliýadan rysgal, kesellere şipa we şular ýaly zatlar isläp dogap etmeklikdir. Çünki Allahu Tagala Kitabynda:

"**Alladan başga saňa peýdasy we zyýany bolmaýanlara doga etme. Eger etseň onda zalymlardan bolarsyň"** (Ýunus süresi,106) diýip aýdýar. Bu aýatdaky **"zalymlar"**, "müşrikler" manysyna gelýändir.

***Niýet we arzuwda Şirk:**

Bu şirk, kişiniň Alladan başgasyna meýletmegidir. Muňa "ygtykatda-imanda şirk" diýilýär.

**"Kim dünýä durmuşyny we onuň görk-bezegini islese, hiç bir zat kemeldilmezden olara eden zähmetlerini bu ýerde doly bereris. Ine bulara, Ahyrýetde Otdan başga zat ýokdyr. Olaryň ol ýerde** (ýagny, dünýäde) **ähli eden işleri puç bolandyr, näme amal eden bolsalar batyl** (ýagny, dereksiz we ýörgünsiz) **bolandyr."** (Hud süresi,15-16)

***Söýgide Şirk:**

Bu şirkiň manysy, Alla bilen bir hatarda başka bir kişini ýa-da närsäni, Allany söýşi ýaly ýa-da ondan has beter, ýa bolmasa azyrak söýmeklikdir. Çünki söýgi adamyň yhlas bilen boýun egmeginiň alamatydyr. Allahu Tagala Kitabynda şeýle diýýär:

**“Käbir ynsanlar, Alladan başga Oňa deň taňrylar taparlar we olary Allany söýüşleri ýaly söýerler. Iman edenler bolsa Allany has beter söýerler”** (Bakara,165)

***Etagatda-boýun egmekde Şirk:**

Alladan başgasyny “Teşryg”[5] we hökümde Allanyň şärigi etmekdir. Sebäbi höküm bermek we şerigat goýmaklyk, diňe Alla mahsus hakdyr. Allahu Tagala şeýle diýýär;

**“Höküm diňe Allanyňkydyr”** (Ýusuf:40)

Alymlaryna ýa-da şeýhlerine, pirlerine we halypalaryna Alla garşy günä hasaplanýan haýsy-da bolsa bir amalda halal saýyp tabyn bolan adamlar bu topara degişlidirler. Bu babatda Allahu Tagala Kitabynda şeýle diýýär:

**“Olar Allany goýup, özleriniň danyşmentlerini we rahyplaryny[6] perwerdigär hasapladylar.”** (Tewbe,31)

Allanyň Resuly (a.s) bu aýaty Adyý ibn Hateme, Tirmizide geçýän sahyh hadys bilen şeýle düşündirýär:

“Hristiýanlar bilen Ýahudiler, halaly haram, haramy bolsa halal edýän alymlaryna tabyn bolýardylar. Kim Alladan başgasynyň Şerigat kadalaryny düzüp bilýändigini ykrar etse, Alla garşy günä edip küfre girdigi bolar (ýagny, kapyr boldygydyr). Çünki Allahu Tagala şeýle diýýär:

**“Kim Allanyň indireni** (ýagny, Onuň goýan kanuny, şerigaty) **bilen höküm etmese, ine şolar kapyrlaryň hut özüdir.”** (Maide,44 )

Buýruk bermeklik bilen gadagan etmeklik hukugy diňe Allanyňkydyr. **“Ýaratmak we emretmek Oňa degişli dälmidir?”**.

**“Oňa degişli dälmidir?”** diýmeklik, bu hukugyň başgasyna degişli edip bolmajakdygyny anyk görkezýär. Kim ýaratmak işini ýa-da başga bir işi Alladan başgasyna degişli etse, iň uly şirki işläp Yslamdan çykdygy bolar. Şeýle hem Alla bütin älemleriň ýaradyjysy we terbiýe edijisidir.

Ýaradan mahluklary üçin iň gowy zadyň nämedigni iň gowy bilen hem Alladyr. Ondan başgasy hiç bir zat ýaradan däldir. Alladan başgasy hiç bir zat ýaratmanlygy sebäpli, özünde gizli bolan iň kiçijik zady hem bilmekden ejizdir. Muny bilmeýän bolsa, ýaradylan mahluklar üçin iň amatly we peýdaly bolan zadyň nämedigini nireden bilsin? Şol sebäpden ynsanlar tarapyndan goýulyp düzülen ähli kanunlar batyldyr (ýagny, hak däldir, ýalňyşdyr). Olaryň hiç birisi bilen höküm bermek bolmaýar. Çünki höküm goýmak hukugy diňe Allanyňkydyr, Ondan başgasynyň höküm etmäge haky ýokdyr.

---

[5] Teşryg – şerigat we kanun goýmak.

[6] Rahyplar-din adamlary, Hristiýan mollalary

Alla (azze we jelle), Özünden başgasynyň kanunlary bilen höküm etmeklige **“Jahylyýýet[7] hökümleri bilen höküm etmeklik”** diýip at beripdir. Alla (azze we jelle) şeýlelik bilen Öz hökmünden has gowy we has belent hökmüň ýokdygyny habar beripdir.

***Tasarrufda[8] Şirk:**

Şirkiň bu görnüşi pygamberleriň we ewliýalaryň älemde tasarruf güýçleriniň bardygyna ynanmaklykdyr. Mysal üçin her haýsy bir pygamberiň ýa-da weliniň ynsanlara peýda ýa zyýan berip bilýändiklerine ynanmaklyk ýaly. Biziň bu sözümizde pygamberleriň hem-de salyh ynsanlaryň Allanyň nazaryndaky ýagşy derejelerini inkär etmeklik we olary äsgermezlik manysy ýokdyr. Bu ýerde meseläniň howply tarapy, Allahu Tagala mahsus bolan güýç, gudrat, tasarruf, peýda we zyýan bermek ýaly sypatlaryny şol kişilere bermeklikdedir. Allahu Tagala müşriklerden soranda:

**“Işleri kim dolandyrýar? Olar “Alla” diýerler”** (Ýunus:31 )

***Gorkuda Şirk:**

Alladan başgasynyň zyýan we peýda berýändigine ynanmak, ýa-da gorkyda başgalaryny Alla bilen deň tutmakdyr. Muňa mysal hökmünde: Ölüleriň, dirilere zyýan bermeginden gorkmak, ýa bolmasa wajyp bolan amallary terk etmäge sebäp boljak derejede bir häkimiýetden gorkmak. Emma bir ýyrtyjy janawardan ýa-da zalymdan gorkmak ýaly adamzadyň tebigatynda bar bolan gorky duýgysy Şerigatda jaýyzdyr (ýagny, günä däldir, şirk däldir). Çünki Allahu Tagala, şu aýatda pygamberi Musanyň (a.s.) gorkusy barada agzap geçýär:

**“Töweregine göz aýlap gorky bilen ol ýerden gitdi.”** (Kasas, 21)

Bu ýerde, şerigatdaky gorky, ynsanyň Alladan gorkmagydyr we iň esasy hem şol gorkydyr.

***Töwekgel etmekde Şirk:**

Töwekgel, bendäniň işlerini Alla tabşyrmagy, dilän zadyna gowuşmagynda Allahu Tagala bil baglamagy we daýanmagydyr. Alla (azze we jelle): **“Hiç ölmeýäne** (ýagny hemişe diri bolan Alla) **töwekgel et”**(Furkan,58) diýip perman edýär. Şol sebäpden Alladan başgasyna töwekgel etmeklik jaýyz däldir.

Şirk bolan töwekgel bolsa; Diňe Allanyň güýjüniň we gudratynyň çäklerinde bolýan işlerde, Alladan başgasyna ýürekden töwekgel edip oňa daýanmaklykdyr, ýa bolmasa Alladan başgasynyň rysgal berýändigine ýa-da rysgaly kesýändigine ynanmaklykdyr.

Uly Şirk babatda gürrüňimizi tamamlamazdan ozal, şu ýerde adamlara duýdurmaly bir näçe meseleleriň käbirlerini agzap geçsek ýerinde boljakdyr. Bular örän howply bolup, olary

[7] Jahylyýýet – Yslam dini gelmezden öňki haky bilmezlik we nadanlyk döwri.
[8] Tasarruf – her haýsy bir işde kişiniň öz isleýşi ýaly hereket etmeklik ygtyýary we hukugydyr.

dilleri bilen sözleýänleriň we iş ýüzünde edýänleriň ençesi Alla şirk edýändiginden bihabardyr. Hassanyň şypa tapmagyny doktordan görmeklik, din we dünýä işlerinde gazanylan üstünligi – Allany bir gyra itip – diňe bendäniň zehininiň we gaýratynyň netijesi hökmünde görmeklik, bendeleriň kanun (Şerigat) goýup biljekdigine ynanmaklyk, ölümiň sebäbini, ýol hadysalary ýa-da ýalňyş derman ulanyş bilen gönümel baglanyşdyrmaklyk ýaly işler muňa mysal bolup biler. Bu we bular ýaly söz we hereketlere musulmanlar aň ýetirmeli we seresap bolmalydyr.

**2.Kiçi Şirk:**

Kiçi şirk eden adam Yslamdan çykmaýşy ýaly, Tewhydyň aslyna hem zyýan berýäm däldir. Emma bu şirk, imanyň we Tewhydyň kämilligine zeper ýetirýär. Kiçi şirk, uly şirke tarap alyp barýan köpridir. Çünki şirkiň bir näçe görnüşi bar bolup aşakdaky tertip boýunça getirip bolar.

***Sözde şirk:**

Dil üsti bilen edilýän şirkdir. Alladan başgasynyň adyndan ant içmek. „Alla we seniň saýaňda" diýmeklik hem-de bir adamy Alladan başgasynyň bendeligine, gullugyna ýöňkemeklik, Abdun-Nebi (manysy, Pygamberiň bendesi), Abdul-Huseýn (manysy, Huseýniň bendesi) we ş.m. atlar dakmaklyk ýaly. Bu, Alladan özgesini tagzym etmekdir (ýagny, beýgeltmekdir).

***Hereketde Şirk:**

Bu hem bir musulmanyň, haýsy hem bolsa bir zady „yrym" etmegidir. Mysal üçin gören ýa-da eşiden bir zady, ýa bolmasa käbir jandarlary, guşlary, ýa-da günleri yrym etmek ýaly. Şeýle hem palça gitmek we onuň aýdanlaryny tassyklamak, ogurlanan zady we ogryny anyklamak üçin jyn bilen iş salyşýanlara, jadygöýlere, gözbagçylara gitmek ýaly.

***Ýürek Şirki:**

Riýa, şöhratparazyk, käbir amallaryň saýasynda dünýä we dünýä bähbitlerini islemeklik ýaly gylyk-häsýetler ýürek şirkine girýär.

**Riýa dört görnüşe bölünýär:**

1 – Amalda niýetiň Ahyrýet üçin bolman dünýälik üçin bolmaklygy. Bu kişä dünýäde arzuw eden niýeti beriler. Ahyrýetde bolsa hiç bir paýy bolmaz. Bu amal uly şirkdendir.

2 – Amalda niýetiň Allanyň razyçylygy bolman ynsanlaryň razyçylygy bolmaklygy. Şonuň saýasynda ol adam amalynyň hözürini Alladan däl-de ynsanlardan garaşýar. Ahyrýetde başyna geljek akybetden (ýagny, ýaman netije we ahwalatdan) hem çekinmeýär.

3 – Amaly bilen baýlyk gazanmagy maksat edinmek, baýlyk üçin ýa-da zenan bilen öýlenmek maksady bilen haja gitmek, ýa bolmasa ganymat (olja) üçin jyhada gitmek hem-de wezipe we dereje almak üçin Yslam dinini öwrenmek bu şirkdendir.

4 – Amaly Alla üçin halys (päk niýet bilen) edýän hem bolsa, bu amal kabul däldir. Çünki Allahu Tagala: **„Amaly Alla diňe takwa eýelerinden kabul edýär"** (Maide,27) diýip aýdýar.

Bu kişä amaly asla peýda bermez. Çünki ol küfür (kapyrçylyk) bolan bir amaly işläp, amaldan öň eýe bolmaly esasy häsýedi ýitirendir. Amallarynyň puça çykmagynyň sebäbi bolsa, edilen amallarynda imanyň tersi bolan küfüriň we şirkiň bolmagydyr.

Allanyň Resulynyň (s.a.w.) Sünneti bilen utgaşmaýan bir amalda „Tewhyt" ýokdyr. Bilgin eý musulman doganym!... Kiçi şirkiň hemme görnüşleri uly şirke öwrülmegi ahmaldyr. Munyň sebäbi bolsa, bu amallar bilen bilelikde ýürekden bulara ygtykat etmek (ýagny, inam etmek), Alladan başgasyny beýgeltmekdir. Şeýlelik bilen bu, uly şikre öwrüler. Munyň garşysyna ýardam we kömek Alladandyr.

***Gizlin Şirk:**

Ibn Apbas (r.a.) kiçi şirki düşündirip şeýle diýipdir: «Kişiniň dostuna 'Allanyň we seniň saýaňda', 'Alla we pylan adam bolmasady' ýaly sözleri sözlemegi gizli şirkdir.»

Dogrysy şudyr; Eger «Owal Alla we soňra hem pylan islemesedi», «Allanyň saýasynda, soňra-da seniň saýaňda» diýmeklik has laýykdyr. «Alla we saňa daýanýaryn» diýmeklik ýalňyşdyr. Dogrysy «Owal Alla, soňra saňa daýanýaryn» diýmeklikdir. Çünki sözlemdäki «we» baglaýjy kömekçisi, Alla bilen bende arasynda bir deňligiň bardygyny görkezýär we netijede şirke sebäp bolýar. Dogrysy «Owal Alla» diýmek we yzyndan «soňra» diýmekdir, çünki «soňra» baglaýjy kömekçisi, Alla bilen bendäniň arasyndaky derejäniň tapawudyny aýdyň düşündirýändir.

## KIÇI WE GIZLIN ŞIRKIŇ KEFFARATY[9]

«Perwerdigärimiz, bilip bir zady saňa şärik etmekden Saňa sygynýarys we bilmediklerimizden hem Senden bagyşlamagyňy dileýäris» diýip, Allanyň Resulynyň (s.a.w.) doga edişi ýaly doga etmeklikdir.[10]

We ýene Pygamber (s.a.w.): "Kim Lat we Uzzadan ant içse (yzy ýany) "Lä ilähe illalla – Alladan başga hiç bir taňry ýokdyr" diýsin. Kim dostyna; "Gel seň bilen humar oýnaly diýse, sadaka bersin" diýipdir.[11]

[9] Keffarat – ýalňyşlyk bilen ýa-da mejbur bolup edilen günäniň bagyşlanmagy üçin sadaka bermek ýa-da agyz beklemek ýaly edilýän amallar.
[10] Ahmet ibn Hanbal sahyh bir sened bilen „Müsned"-de rowaýat edýär.
[11] Muttefekun aleýh. Ýagny Buhary we Müslimiň bir ýoldan rowaýat eden hadyslarydyr.

## KÄBIR ŞIRK HASAPLANÝAN AMALLARDAN MYSALLAR

***Jady we gözbagçylyk:**

Bu, bedenlere we hatda ýüreklere täsir edýän temime[12] we jady ýaly zatlardyr. Bir ynsany hassa edip öldürşi ýaly, är-aýalyň arasyny hem aýyryp bilýändir. Çünki jadygöýlik küfürdir (ýagny, kapyrçylykdyr).

***Kehanet (gaýypdan habar bermeklik, palçylyk)**

Kehanet, geljekde boljak bir wakany öňünden bilmeklik manysyna gelýändir. Bu işi edýän kahin (ýagny, palçy), Alladan başga hiç bir kişiniň bilmesi mümkin bolmaýan gaýypdan[13] habar berýändigini öňe sürýändir. Palçylyk edýän kişi Allany inkär etdigi bolup, ol kapyrdyr. Kim onuň aýdanlaryny tassyklasa, iň uly küfüre (kapyrçylyga) girdigi bolar.

***Jadyny pozmak:**

Munyň manysy, jady degen adamy, jadynyň täsirinden halas etmeklikdir. Bu hem ikä bölünýär:

**a)** Jadyny jady bilen pozmak bolup, bu kiçi küfürdir.
**b)** Jadyny, Kuran we Sünnetde bar bolan dogalary okamak arkaly pozmak bolup, bu jaýyzdyr (ýagny, Şerigatda rugsat edilendir).

***Müneçjimlik (Ýyldyzparazlyk ýa-da Astrologiýa)**

Bu, bir entek ýyldyzyň we ýyldyz toplumlarynyň ýerýüzünde bolýan hadysalara täsirleriniň bardygyna ynanmaklykdyr. Bu ýyldyzlaryň we ýyldyz toplumlarynyň öz-özünden ýa-da Alla tarapyndan täsiriniň bolýandygy hakda oýlanmak hem şirkdir. Münejjimlik bilen meşgullanýan uly şirke girdigi bolar we netije-de Yslamdan çykar. Çünki ýyldyzlaryň ýaradylmagynyň maksady, ýerýüzündäki ynsanlar üçin asmany bezemek, ýolagçylaryň ýollaryny anyklamagy şeýle hem şeýtanlaryň daşlanmagydyr. Kurany Kerimiň bu babatda

[12] temime – kesellerden goranmak we şypa tapmak maksady bilen boýundan ýa-da başga bir ýerden asyp göterilýän her haýsy bir närse ýa-da ýazylgy kagyz.
[13] Gaýyp – ynsanlaryň içinde bolýan hadysalar, olaryň geljekleri we dolanyp barjak ýerleri bilen baglanşykly aýratynlyklar, geçmişe degişli ylmy, ynsandan özge barlyklaryň älemi, ahyrýet durmuşy we geljekde boljak wakalar ýaly görülmeýän gizlin ylymlar.

bize habar berişi şonuň ýalydyr. Emma bu ýyldyzlaryň hereketleriniň ýerüzünde bolýan hadysalar bilen belli bir derejede utgaşýandygy aýdylsa, onda kiçi şirk edildigi bolar. Bu bolsa „Tewhyt” dininiň kämilligine tersdir.

***Nazarlyk:**

Bular bir haýyr tapmak ýa-da şeri daşlaşdyrmak üçin boýundan (ýa-da beýleki agzalardan) dakylýan nazarlyklardyr (göz monjugy, alaja ýaly). Bu, isle Kurandan bir aýat, ýa bir ýüp, ýa bolmasa belli bir agaçlar, ýa-da şuňa meňzeş daşlar bolsyn ählisi şirkdir.

**Nazarlyklar iki görnüşdir:**

**1 – Kurandan bolmadyk nazarlyklar:** Bu, Şerigata görä haramdyr. Kim munyň şerden goraýandygyna ýa bolmasa haýyr, peýda getirýändigine ýa-da onuň bu meselede her haýsy bir täsiriniň bardygyna ynansa uly şirk etdigi bolar. Peýda beripler diýip çak edýän hem bolsa ýene şirke girer. Bu nazarlyklaryň haram edilmeginiň sebäbi, ynsanyň ýüregini Alladan başgasyna berýändigi hem-de başgasyna töwekgel etmegine sebäp bolýany üçindir. Bular, uly şirke eltiji zatlardyr we bozuk ygtykatlara mümkinçilik döredýändir.

**2 – Kurandan bolan nazarlyklar**: Selef-i Salyh[14] bu meselede iki topara bölünipdir. Olaryň käbirleri muny jaýyz (ýagny şerigatda rugsat edilen) hasaplaýan bolsa, käbirleri jaýyz hasaplamaýarlar. Dogrusy bolsa muňa „haramdyr” diýýänleriň garaýşydyr. Nazarlyklaryň „şirk” diýip atlandyrylmagy zerarly bu höküm umumy bolup durýandyr. Şol sebäpden Kurandan bolan bilen bolmadyk nazarlyklaryň arasyny, netijede ikisi hem şirke eltýändigi üçin biz aýyryp durmadyk. Alla has gowy bilijidir.

***Rukýe[15]**

Kurandan ýa-da hezreti Pygamberiň öwredenlerinden bolsun, hassalara okalýan dogalarda mubah bolan «Rukýe» arap dilinde bolup düşnükli bolmaly we içinde hiç bir haram zat bolmaly däldir.[16] Rukýe edilende hem munyň Allanyň rugsady bilen boljakdygyny bilmelidir. Eger beýle bolmasa bu haram bolar. Belalary dep etmek üçin bilezik we ýüp ýaly zatlar dakmak, bu haram rukýe üçin aýdyň mysal bolup biler. Zyýan we peýda diňe Allanyň rugsady we eradasy bilendir. Çünki Alla hemme ýaradylanlaryň üstünde täk güýç we gudrat eýesidir. Kim şolar ýaly zatlaryň haýyr ýa-da şere sebäp bolýadygyna ynansa, uly şirke düşdigi bolar. Eger haýyr ýa-da şere sebäp bolup biläýmegi ahmal diýen şüphä düşmek bolsa kiçi şirkdir.

Gepiň ahyrynda şeýle diýip bileris: Bu gün Yslam dünýäsinde şirkiň aýdyň alamaty, Musulmanlaryň başlaryna gelen musybetleriň (kynçylyklaryň, belalaryň) we uçran pitneleriniň, söweşleriň hem-de ýer-titremeleriň we ýene bular ýaly Allahu Tagalanyň

[14] Selef-i Salyh – akyda meselesinde hezreti Pygamber bilen sahabalaryň ýolundan gidýän Tabygyn mezhep ymamlaryna, ilki döwür fakyhlar bilen hadysçylara aýdylýar.

[15] Rukýe – şipa aýatlaryny we dogalaryny ýazmak, olary okap hassa üflemek.

[16] Arapça bilmeýänler hem öz dili bilen hassanyň gowlanmagy için doga etmelidir.

musulmanlaryň başyna ýagdyran bir näçe azabyň ýeke-täk sebäbidir. Hawa, çünki ynsanlar Tewhytden ýüz öwürdiler, akyda we amallaryna şirki bulaşdyrdylar. Munyň subutnamasy hökmünde bolsa, bir entek Yslam ýurtlarynda şirk bolan sansyz işleri musulmanlaryň Yslam dininde bar hasaplamaklaryny görkezip bolar. Bu işler bolsa: Alladan başgasyna ýalwaryp doga etmek, weli hasaplanýan bendeleri metjitlere jaýlamak, olar üçin nezir etmek (janly aýtmak) gabyrlarda ýa-da kümmetlerde gurban kesmek (mal öldürip sadaka etmek), gabyrlaryň daşyndan aýlanmak, gabyrlara tarap namaz okamak we ş.m. ýalylardyr.

Şirkiň iň uly görnüşi hökmünde Allanyň indirmedigi bilen (Şerigatda bolmadyk dessurlar, kanunlar bilen) ynsanlaryň arasynda höküm bermeklikdir. Adamzat kanunlary bilen höküm bermek, bulara kanagat etmek we bulary inkär etmezlik, peýda we gazanç bahanasy bilen riba (süýthorlyk) esasynda söwda etmek ýaly işleri agzamak bolar.

Hem bu ajaýyp esere bir giriş, hem-de meseläniň düşnükli bolmagynda goldaw bolsyn diýip; neşirýadymyz tarapyndan öň çap edilen bu „Giriş”-i ýazar gowy kabul eder diýen umyt bilen bu ýere goşmagy makul bildik. Okyja peýdaly bolmagyny dileýäris.

Alladan musulman jemgyýetleri üçin şirkiň we haramlaryň nejisliginden tämizlemegini dileýäris we hemmämizi dogry ýola salsyn diýip doga edýäris.

## Giriş

Hamd, diňe Alla üçindir, Oňa hamdedýäris, Ondan ýardam we magfiret (günälerimiziň bagyşlanmagyny) dileýäris. Nefislerimiziň şerinden, ýaman amallarymyzdan Oňa sygynýarys. Alla kimi dogry ýola salsa (hidaýat etse) ony ýoldan çykarjak ýokdyr, kimi-de ýoldan azaşdyrsa oňa hidaýat etjek ýokdyr. Taňrynyň diňe Alladygyna, Ondan başga ylah ýokdygyna şaýatlyk edýärin, şeýle hem Muhammet Onuň bendesi we resulydygyna (ilçisidigine) şaýatlyk edýärin.

Sözleriň iň ýagşysy Allanyň sözüdir, ýollaryň iň ýagşysy Muhammediň ýoludyr, işleriň iň ýamany soň toslanyp tapylanydyr. Her toslanyp tapylan bidgatdyr. Her bidgat dalaletdir (ýoldan azaşmakdyr) we her dalalet hem Jähennemdedir.

Fykhyň ikinji derejeli meselelerinde (fergy meselelerinde) Abu Hanyfanyň ýolundan gidip, fykhyň birinji derejeli meselelerinde (usulda) oňa laýyk amal eden alymlaryň, bir entek Yslam ýurtlarynda köp halatlarda görülýän gabyra ýykylýan bydgatçylar, şirk we şirkiň görnüşleri, şirke eltýän sebäpler we hem-de şirkiň alamatlary babatda hakykatdan hem gymmatly ylmy işleri bardyr. Bu alymlar, şeýlelik bilen; özleri ýaly Tewhydy goramak, şirkiň girelge gapylaryny ýapmak we şirke sebäp bolýan ýollary ýok etmek ugrunda göreşen Maliki, Şafygy we Hanbaly alymlarynyň kerwenlerine goşulandyrlar. Bu bolsa bize, Abu Hanyfanyň yzyny ýöreden ençe alymlaryň, gabyrlar bilen baglanşykly şirk bolan bydgatlara garşy, edil beýleki Sünni Mezhep alymlary ýaly; päk we dury bolan akydany şirkden, bidgatlardan we muňa iteren täsirlerden arassalamak üçin, hakykatdan öwgä laýyk görkezen gaýratlarynyň bardygyny aýdyň görkezýändir. Bu alymlar özleriniň bu asylly işlerinde; Abu Hanyfanyň, Ymam Maligiň, Ymam Şafygynyň we Ahmet ibn Hanbalyň ýoluny tutupdyrlar. Olar bütin gaýratlary bilen Tewhydyň hormatyny aýamak üçin şirkiň we müşrikleriň garşysyna göreş eden Ymamlardyr. Käbirleriniň çaklaýşy ýaly şirk häsýetli bidgatlaryň, gabyra ýykylýanlaryň we bular ýalylaryň garşysyna diňe Hanbaly alymlary göreş etmän, eýsem Hanafy alymlary hem bu meselede hut şol aladany edipdirler.

Bu meselede bidgatçylara hujjet (delil) bolmagy üçin, Hanafy alymlarynyň garaýyş we pikirlerinden bir parçany size hödürlemegi makul bildim. Inşaalla, elimdäki güýç we mümkinçiliklerimiň çäklerinde; bu ugurda Mäliki we Şafygy alymlarynyň garaýyşdyr-

pikirlerini hem agzap geçmek isleýärin. Bu kitabymda Hanafy alymlarynyň şirkiň kesgitlenişi, görnüşleri, we oňa sebäp bolýan faktorlary nähili anyklaşdyrandyklaryna mysallar bermekçi. Şol sebäpdem temany dört bölüme böldüm:

**BIRINJI BÖLÜM:** Hanafy alymlaryna görä Şirkiň kesgitlemesi.

**IKINJI BÖLÜM:** Hanafy alymlaryna görä Şirkiň görnüşleri.

**ÜÇÜNJI BÖLÜM:** Hanafy ymamlarynyň Tewhydy goramak üçin garşysyna göreşen Şirke eltiji sebäpler.

**DÖRDÜNJI BÖLÜM:** Hanafy alymlarynyň aýdyňlaşdyran Şirkiň käbir mysallary

Alladan dilegim, bu kitaby diňe Özüniň razyçylygy üçin halys bir amal hökmünde kabul etmegi we ony Hasap güni terezimde goýmagydyr, Alla bize ýeterlikdir. Ol neneňsi gözel wekildir, Hamd älemleriň Rebbi bolan Alla mahsusdyr. ***Dr. Muhammet b. Abdurrahman el-Humeýýis***

## BIRINJI BÖLÜM

## HANAFY ALYMLARYNA GÖRÄ ŞIRKIŇ KESGITLEMESI

Hanafy alymlaryna görä şirkiň nämedigini anyklamazdan ozal, şirkiň sözlik manysyny bilmeklik ýerinde bolar.

**Şirk:** Bir zat babatda birine şärik goşmaklykdyr. «Şärik bolmak» we «Şeriket» hem şol bir kökden döreýändir. «Şärik etmek» diýmeklik; şärik edilen şol zada, şahsyýetde we manyda, az ýa köp bir paý berilmegi diýmekligi aňladýar. «Birisine bir zatda şärik boldy» diýmek, «şärik bolunan zadyň azynda ýa-da köpüsinde paý eýesi bolmak» diýmekdir. Bu isle bir zatda (şahsyýetde) ýa-da bir sypatda bolsyn tapawudy ýokdyr. Şerigata görä her küfüriň (kapyrçylygyň) imanyň tersi bolşy ýaly, Şirk hem Tewhydyň tersidir.

Ymam Abdylkadyr Dehlewi[17] şeýle diýýär:

«Şirk, ynsanyň Alladan başgasynda Allanyň sypatlaryndan bir sypatyň bardygyna ygtykat etmegidir (ynanmagydyr). Mysal üçin; «Pylan kişi her zady bilýär diýmegi, ýa-da «pylany islänini edýär», ýa bolmasa «maňa haýryň we şeriň degmegi onuň elindedir» ýaly sözler bilen; ýa-da Alladan başgasyny Allany beýgeldişi ýaly beýik tutmagydyr. Birinden bir zady islemek üçin oňa sejde etmegi ýa-da onuň üçin bir ygtykada (ynanja) eýe bolmagydyr.»[18]

[17] Abdulkadyr ibn Abdyrrahman Umary Dehlewi. Meşhur hanafy alymlardandyr, hijri 1230-njy ýylda dünýäden öten. Seret; Nuzhetul-Hawatyr, j.7,s.302,304.
[18] Tewhydul-Kuran j.1,s.105 (Urdu dilinde)

Bu kesgitlemeden aýdyň bolşy ýaly, Abdylkadyra görä Şirk, Allanyň işlikleri ýa-da sypatlary bilen baglanşykly bolşy ýaly, şol bir wagtyň özünde Alla ybadat edilmäge mahsus bolan, bendeleriniň işliklerini hem öz içine alýandyr.

Şeýle hem Ymam Muhammet Ysmaýyl Dehlewi[19] hem-de Şyh Abul-Hasan Nedewi (aşakdaky sözler Nedewiniňkidir) şeýle diýýärler:

«Şirk diňe bir ynsanyň her haýsy bir zady Alla şärik edip, Onuň bilen arasynda hiç bir tapawut göz öňüne tutmazdan deň derejeli kabul etmegi bolman, eýsem şol sanda şirkiň hakykaty, ynsanyň Allanyň özüne we ybadatyna alamat edip goýan amallary: ynsanlardan birine sejde etmek, onuň adyna gurban edip nezir etmek (janly aýtmak we ş.m.) kynçylyk döwürlerde ondan ýardam soramak, we şol kişiniň her ýerde bardygyny we seredip durandygyna ynanyp, onuň islän işi edip biljekdigini subut etmäge çalyşmakdyr»[20]

Bularyň ählijesi bilen şirk ýüze çykyp, ynsan şeýlelik bilen müşrik bolýandyr.[21]

Bu kesgitlemeler, birnäçe Hanafy alymlarynyň şirki beýan we anyklamakda diňe «Rububiýet»[22] meselesi bilen çäklenmändiklerini äşgär edýär. (Ýagny Allanyň ähli zadyň ýaradyjysydygyny ykrar etmek bilen çäklenmän) Görşümiz ýaly olar şol sanda, kim bolsa bolsyn Alladan başgasyna bir ybadaty mahsus etmegi «Şirki ekber» (uly şirk) diýip atlandyrypdyrlar. Ynha bu, amallary ýok edýän şirkdir. Alla, bu şirki edýäniň nafile (nefl) hem-de parz bolan ybadatyny kabul edýän däldir. Alla (azze we jelle) şirkiň bu görnüşi barda şeýle diýýär:

**«Kasam bolsyn, saňa we senden öňkilere; „Eger şirk etseň hiç gürrüňsiz amalyň ýok bolup gider we sen hem ýitirenlerden bolarsyň” diýip wahyý edildi.»** (Zümer, 65)

**«Alla özüne şärik edilmegini bagyşlamaz, mundan başga islän kişisine islänini bagyşlar.»** (Nisa, 48)

Emma gynansak-da, jahyllaryň (nadan, körleriň) aglabysy diňe «Rububiýet» babatda Tewhydyň ýeterlikli bolýandygyny aýtmak bilen çäklenýärler. (Ýagny ähli zadyň ýaradyjysy Alladygyny aýtmak bilen oňýarlar). Netije-de bolsa olaryň «Uluhyýetde» şirk etmekleri, (ýagny diňe Alla mahsus bolan ybadata başgalaryny şärik etmekleri) olara beter aňsat we ýeňil geldi hem-de ybadaty Alladan başgasyna gönükdirdiler. Olara ýalwaryp olara «istigasa»[23] etdiler. Olar bilmediler, emma Allanyň resulynyň nygtaýşy ýaly: «doga ybadatdyr»[24]

---

19 Muhammet ibn Ysmaýyl ibn Abdulgany ibn Abdurrahman Umary Dehlewi Hanafy, hijri 1193-nji ýylda dogulan, hijri 1246-njy ýylda dünýäden öten. Onuň “Hüwiýýetul-Iman”, “Tenwirul-Aýneýn fi Isbäti Refgyl-Ýedeýn” ýaly kitaplary bardyr.

20 Muhammet Ysmaýyl ibn Abdulgany Umary Dehlewi Hanafy. Bu hakda maglumat berildi.

21 Takwiýetul-IMAN, 22-23 (Urdu dilinde), Nedewi, Risalatut-Tewhyd, 32-33.

22 Rububiýet – Allanyň ýeke özi ähli zadyň Ýaradyjysy bolmaklygydyr.

23 Istigasa etmek – ýardam soramak, kömege çagyrmak.

24 Ahmet ibn Hanbal, 4/267,270,276, Abu Dawud, Kitabus-Sala, Babud-Duga, 1479, Tirmizi (h.211), 2969, Bakara tefsirinde, Jilt.5/374 (3247), Müminin Süresiniň tefsiri – Jilt.5/H456, 3372, Kitabud-Duga, Babu Fadlyd-Duga, Ibn Maje, 2/1258 H 3828

Şol sebäpden bu şirke bulaşmak, köp ýüze çykýan ýagdaýdyr. Aýratyn hem jahyllaryň (nadan, körleriň) arasynda muňa kän gabat gelip bolýar. Munyň sebäplerini bolsa, ylym adamlarynyň özlerine düşýän wezipelerinde kemter gaýtmaklary, alymsyraýan kişileriň hak ýoldan çykmaklary we ýene bir näçeleri bilen baglanyşdyrmak mümkindir. Emma, ýokarda hem görşümiz ýaly, Hanafy alymlarynyň garaýyş we pikirlerinden şu mälim we aýdyň boldy; ýagny olar «Rububiýetde şirk» bilen «Uluhyýetde we sypatda şirk»i bir-birinden aýyran däldirler. Şirki beýan edenlerinde diňe bir görnüşini däl, onuň ähli görnüşlerini agzap geçipdirler.

## IKINJI BÖLÜM

## HANAFY ALYMLARYNA GÖRÄ ŞIRKIŇ GÖRNÜŞLERI

Ýokarda hem görşüňiz ýaly, şirkiň görnüşleri barada agzap geçilende, şol şirkiň görnüşleriniň diňe «Rububiýet» babatda çäkli bolman, eýsem «Ubudiýet» (Uluhyýet) bilen hem baglanşyklydygy öz-özünden belli bolandyr. Indiki etjek beýanlarymyzdan hem düşnükli boljakdygyna görä bu, Allanyň atlaryndan we sypatlaryndan hem Oňa şirk etmegi içine alýandyr. Bu bolsa Allanyň bendeleriniň her haýsy birine, Allanyň sypatlarynyň birini makul bilmek ýa-da ynsanlardan her haýsy biri babatda ony, özüne ybadat edilýän taňry mertebesine çykarjak derejede çenden geçmek diýmekdir. Biz bu pursatdan peýdalanyp aşakda käbir Hanafy alymlarynyň, şirkiň görnüşleri hakyndaky düşündirişlerini bermekçi.[25]

1. Ymam Ahmet Serhendi[26] şeýle diýýär: «Şirk iki dürli bolýar. Birinjisi «Wajybul-Wujud» (ýagny barlygy zerury bolan Alla) hakda şirk etmek, ikinjisi bolsa «Ybadat»-da şirk goşmakdyr.
2. Ymam Ahmet Rumy[27] we Subhan Bahş Hindi, şirkiň alty görnüşiniň bardygyny agzap geçdiler. Bu altysynyň biri şudyr: **Şirkut-takryb:** Bu Alla ýakynlamak, golaýlamak[28] üçin Alladan[29] başgasyna ybadat etmekdir.
3. Tahanewi[30] hem şirkiň dürli görnüşlerini şeýle agzap geçýär:

---

Kitabud-Duga Babu Fadlyd-Duga; Buhary, el-Edebul-Müfretde, sah; 105, Ibn Ebi Şeýbe, el-Musannef, Jilt;6/21 H. 29167; Ibn Hibban (Yhsan), Jilt;2/124 H. 887; Beýhaky, Şugabul-Yman, Jilt; 2/37 H. 1105; Hakim, el-Müstedrek, Jilt;1/491 (ol isnadynyň sahyhdygyny aýtdy, Zehebi we Ibn Jerir, „et-Tagýir"de (24/78-79) oň bilen ylalaşdylar...)

[25] Hanafy alymlarynyň hem nygtap geçişleri ýaly, şirkiň görnüşleri diňe Yslam jemgyýetlerinde jahyllygyň (nadanlygyň, hakykata ýürekleriň körligi) ýaýramagy sebäpli ýüze çykan şirk amallardyr. Meniň bilşime görä, olar ybadatda şirk goşmagy hem delilleri bilen gysgaça düşündirsediler has peýdaly bolardy. Emma, ýene olar şirk hakynda gerekli bolan giňişleýin maglumatlary beripdirler. Şirk bulaşan ybadatlar diňe agzalan amallar ýa-da ybadatlar däldir. Eýsem başga ýene bir entek amallar we ybadatlar bardyr. Näme üçindir Hanafylar şirkiň diňe bir görnüşi bilen çäklenipdirler kä? Bu, diňe biziň aýdýanlarymyzy tassyklaýar; ol hem Hanafy alymlarynyň – tas – hemmesi diýen ýaly, ybadat bilen baglanşykly amallarda şirke bulaşylmagyndan adamlary saklapdyrlar.

[26] Ahmet ibn Abdulahad Serhendi Hanafy Maturidi Nakşybendiniň „Beýanul-Akayd, Ala Mezhebil-Maturidiýýe, Tehzibus-Sufyýýe we Risaletu Ysbatyn-Nubuwwe"şeýle hem „er-Reddu Aleş-Şyga" atly eserleri bardyr. Hijri 1034 –de dogulan. Seret; Nuzhetul-Hawatyr,5/43-55.

[27] Ahmet ibn Muhammet Akhisary Hanafy Rumy, Osmanly alymlaryndandyr. Ylmy eserleri bardyr. Ders okatdy we fetwa berendir. Hijri.1043-da doglandyr. Seret. Hidaýetul-Arifin, 1/157 we Mugjemul-Muellifin, 2/85.

[28] Muňa delil müşrikleriň Kurandaky: **„Biz olara, bizi Alla has golaýlatsynlar diýip ybadat edýäris."** (Zümer, 3) diýen sözleridir.

[29] Mejalisul-Ebrar Ala hazinatil-Esrar, sah, 150-152.

a) **Ybadatda şirk.**

Muňa delil:

**«Kasam bolsyn, biz her ymmata tagutdan gaçyň we Alla ybadat ediň diýip bir pygamber iberdik»** (Nahl süresi,36)

**«Kasam bolsyn, biz Nuhy kowmyna iberdik; ol kowmyna, ‚Eý kowmym! Alla gulluk ediň, siziň Ondan başga hiç bir taňryňyz ýokdyr (diýdi).»** (Agraf süresi, 59)

**«Alla bilen bir hatarda Ondan başga taňry gözleme. Ýogsam, ýazgarlyp, peseldilen halda oturyp galarsyň.»** (Ysra süresi,2)(Bu aýatyň manysy, «ybadatyňy Alladan başgasyna gönükdirme, ýogsam bu Ondan başgasyna ybadat bolar» diýmekdir.)

b) **Ytagatda (tabyn bolmakda) Şirk.**

Muňa delil:

**«Eý adam ogullary! Men sizden Şeýtana ybadat etmersiziň diýip söz almadymmy?»**(Ýasin süresi,60) (Bu aýatyň manysy, «Men sizden Şeýtana ytagat etmejekdigiňiz, onuň çakylygyna tabyn bolup oňa tagat etmejekdigiňiz hakda ähdiňizi, sözüňizi almadymmy?» diýmekdir.)

**«Eý kakamjan, Şeýtana ybadat etme! Hakykatda Şeýtan Alla ysýan etdi»** (Merýem süresi,44)

c) **Atlarda Şirk.**

Delili:

(Bu ýerde «Atlar» diýilmegi, mal çalnanda Alladan başgasynyň adyny agzamaklyk bolupbiler)

**«Allanyň adynyň agzalmadyklaryndan iýmäň, hakykat bu fyskdyr (fasyklykdyr).»**(Engam süresi,121)

**«Diňe size läşi, gany, doňuz etini we Alladan başgasy üçin kesileni (damagy çalnany) haram etdi.»** (Bakara süresi,173)

(Ýa bolmasa «Atlar» diýilmeginden maksat, doglan çaga Alladan başgasyna ybadat etmek üçin berlen at hem bolup biler. Abdulharys (Harysyň guly), Abdul-Uzza (Uzzanyň[31] guly), diýlişi ýaly.

**«Olara salyh (ýagşy) perzent berildimi, Oňa (Alla) şärikler goşarlar»** (Agraf süresi,100)

[30] Muhammet ibn Aly ibn Hamyd ibn Sabr Hanafy Tahanewi, kelamçy we edebiýatçy bolup Maturydy fakyhlaryndandyr. Seret; Nuzhetul-Hawatyr, 6/287 we Mugjemul-Muellifin, 11/47.

[31] Uzza – bir putuň ady.

(Ýagny, Alla ol çagany ýaratdy we ony ene-atasyna nygmat edip berdi, şeýle hem onuň saýasynda ene-atasynyň göwünlerini hoş etdi. Olar bolsa ol çagany Alladan başgasynyň guly etdiler. Oňa, Alladan başgasynyň guly manysynda at dakdylar. Abdul-Uzza (Uzzanyň guly), Abdulhan (Hanguly), AbdulKagb (Kagbyň guly) ýaly. Şaýylar hem bu şirke bulaşyp çagalaryna Abdy-Aly (Alynyň guly), Abdul-Hasan (Hasanyň guly), Abdul-Huseýn (Huseýniň guly), we ş.m. atlar dakýarlar. Ýa bolmasa Alla ene-ata perzendi nygmat edip berenden soň, olar Alla ybadat etmekde şärik goşdylar. Emma bolsa olara sansyz nygmatlar eçilipdi. Bu aýatyň başynda gürrüň, Adam bilen Hawwa barada gidip durka, soňra «jyns»a geçipdir. Bu (şirk etmeklik) hakykatda Adamyň neslinde köp duş gelýän wakadygyny görkezýär. Şol sebäpden Alla olara şirkiň batyldygyny (ýalňyş, hak däldigini) duýdurdy we bularyň örän agyr zulum edendiklerini habar berdi. Bu şirkiň sözlerde ýa-da hereketlerde (amallarda) bolmagynyň parhy ýokdyr, bary birdir. Alla olary täk bir nefisden (jandan) ýaratdy. Ol nefisden onuň jübüdini (aýalyny) döretdi şeýle hem olara öz nefislerinden jübütlerini ýaratdy. Soňra olaryň arasynda söýgi we rehim döretdi. Munyň netijesinde olar biri-birleriniň saýasynda göwün rahatlygy taparlar. Biri-birlerini söýüp dost bolarlar. Soňra olara, çagalary bolmagy üçin şehwet (jynsy gatnaşyk islegi) berdi. Olara aýallarynyň rehmine (garnyna) ýerleşdirip çagalar berdi. Belli möhletden soň olary dünýä indirdi. Olar çagalary dogmagyň öňi syrasyndaka, ony sag we agzalary kämil bolup dünýä gelmegi üçin doga ederler. Bulary göz öňüne getirlende, Alla ybadat edip hiç bir zady Oňa şärik goşmazlygy we dini diňe Oňa halys etmekleri dogry dälmi eýsem?»[32]

**d) Ylymda Şirk.**

<u>Delil:</u>

**«Ol gaýby bilijidir. Gaýby hiç kimsä bildirmez.»** (Jyn süresi,26)

**«Aýt, göklerde we ýerde gaýby Alladan başgasy bilmez»** (Neml süresi, 65)

**e) Güýçde Şirk.**

**<u>Delili:</u>**

**«Aýt, olary (şärikleri) çagyraňyzda (olara doga edeniňizde) sizi eşidýärlermi? Ýa-da size bir zyýan ýetirip bilýärlermi?»** (Şugara, 72-73)

**«Alladan başga ybadat edýän zatlaryňyz size ryzyk (rysgal) berip bilmezler»** (Ankebut süresi,17)[33]

4. Ymam Weliýýulla ed-Dehlewi[34] şirki şu aşakdaky görnüşlere bölüpdir:

a) **Sejdede şirk**

[32] Teýsirur-Rahman Tefsiri, 9/128-130.
[33] Keşfu ystylahyl-Funun, 4/153-164.
[34] Ahmet Weliýýulla ibn Abdurrahman ibn Wejihuddin el-Omary ed-Dehlewi, «el-Fewzul-Kebir», «el-Buzurul-Bagyza» we «Hujjetullahyl-Balyga» atly meşhur eserleriň eýesidir. H.1176-da Dehlide boldy. 6/398,415.

Delili:

**«Alla sejde eýläň we Oňa ybadat ediň»** (Neml süresi,62)

**b) Ýardam soramakda şirk**

Delili:

**«Diňe Saňa ybadat ederis we diňe Senden ýardam sorarys»** (Fatyha süresi, 5)

Allanyň resuly (s.a.w.) şeýle diýýär: «Ýardam soranyňda diňe Alladan sora» (Tirmizi, Ahmet ibn Hanbal)

**c) Nezirde[35] şirk**

Delili;

**«Nezirlerine wepaly bolarlar (berjaý ederler) we şeri her ýere ýaýrap gurşap alan ol günden gorkarlar»** (Ynsan süresi,7)[36]

**«Soňra haj ybadatyny ýerine ýetirsinler we nezirlerine sadyk bolsynlar, Käbäni hem tawap etsinler»** (Haj süresi,29)[37]

**d) At dakmakda şirk goşmak[38]**

**e) Ululara tabyn bolmakda şirk**

Delili:

**«Olar hybrlaryny (alymlaryny) we rahyplaryny (terki-dünýä adam) Allany bir gyra itip özlerine taňry etdiler. Emma Ondan başga taňry ýokdyr, ylah diňe Oldyr. Ol, olaryň şärik goşýanlaryndan münezzehdir (beýikdir, daşdyr)»** (Tewbe süresi, 31).

Bu aýatyň tefsirinde Tirmizi şeýle düşündirýär: «Alymlar we rahyplar, olara halaly haram, haramy halal edenlerinde, olar muňa garamazdan olara tabyn bolmadylarmy?» şonda Adyý ibn Hatem «Hawa eý Allanyň resuly» diýende Pygamber (a.s.w.): «Ynha bu olara ybadat etmeklikdir» diýdi.

**f) Gurban etmekde şirk**

Delili;

---

35 Nezir – ybadat häsýetli işleri kişiniň özüne wajyp etmegi. «Pylan işim amala aşsa sadaka etjek, ýa-da roza tutjak» diýmeklik ýaly.

36 Haşyýetu Ibn Abidin ala Reddil-Muhtar, 2/439-440, el-Ibdau fi Madarryl-Ibtida, sah;189, Ziýaretul-kubur, sah; 29, el-Mejalisul-Erbaga, sah;14,

37 el-Bahrur-Raile, 2/298, Ruhul-Megany, 17/313.

38 Ýokarda bu barada aýdyldy.

**«Aýt, Meniň namazym, ybadatlarym, ýaşaýşym we ölümim älemleriň Rebbi bolan Alla üçindir»** (Engam süresi,162)

**«Rebbin üçin namaz oka we gurban et»** (Kewser süresi,2)[39]

### g) Şaibe we Bahyrada şirk

Delili; **« Alla size ne Bahyrany ne Saibäni ne Wasylany we ne-de Hamy parz eden däldir. Emma kapyrlar Alla ýalan ýere töhmet edýärler»** (Maide,103)

Bu, dinde Allanyň aýtmadyk zadyny toslap tapan we Allanyň halal edenini haram eden müşrikleriň zeminidir. Özleriniň bozuk pikirlerine uýup özleriniň toslap tapan adalgalary bilen, mallaryny Allanyň emrine garşy haram etdiler. «**Bahyra**» gulagyny ortasyndan deşip ikä bölünenden soň arkasyna münülýän düýelere aýdylýar. «**Saibe**» belli bir ýaşa barandan soň münülmeýän, üstüne ýük ýüklenmeýän, ugruna goýberilen düýe, öküz ýa-da goýna aýdylýar. «**Ham**» bolsa, belli bir ýaşa gelenden soň arkasyna münülmeýän we ýük ýüklenmeýän düýä berilen atdyr. Bularyň ählisi müşrikler tarapyndan delilsiz ýagdaýda haram edilen mallardyr. Bu diňe Alla garşy töhmet atmaklykdyr, olaryň jahyllyklaryndan dörän işdir.[40]

### h) Hylyfda (ant içmekde) şirk

Delili:

*Bu diňe ant eden kişiniň, adyndan ant eden zadynda, diňe Alla mahsus bolan bir kämil dereje görüp, ony Alla bilen deň tutmagy ygtykat etmegine (ýürekden ynanmagyna) baglydyr. Ýogsa, diňe dil bilen beýle ant etmeklik «kiçi şirkdir» we munyň netijesinde ol Yslamdan çykýan däldir. «Kim Alladan başgasynyň adyndan ant içse (kasam etse) kapyr bolandyr» hadysy şerifi munyň delilidir.[41] Başga bir rowaýatda bolsa şeýle diýilýär: «Kim Alladan başgasynyň adyndan ant içse, Alla şirk etdigi bolar»[42] Ymam Abu Hanyfadan gelen bir rowaýata görä, ol Alladan başgasynyň adyndan kasam etmekden saklap şeýle diýipdir: «Kişi diňe halys Tewhydy Alla mahsus edip Onuň adyndan kasam edipbiler»[43] Ibn Nüjeým Hanafy, Alladan başgasynyň adyndan ant içýän kişi hakda şeýle diýipdir; «Öz ýaşaýşym bilen seniň ýaşaýşyňa ant içýärin diýen kişiniň küfre girmegi (kapyr bolmagy) gaty mümkindir»[44]

### i) Haj ybadatyny Alladan başgasy üçin etmeklik şirki

Delili;

---

[39] Tuhfetul-Fukaha, 3/67.
[40] Teýsirur-Rahman 2/352.
[41] Abu Dawud, Ahmet ibn Hanbal, Hakim
[42] Ahmet ibn Hanbal
[43] Bedaygus-Senayg, 3/8
[44] el-Bahrur-Raik, 3/88, 5/124 el-Fetawa el-Hindiýýe, 6/323,326.

**«Alla üçin haj etmeklik güýji ýetene parz edilendir.»** (Al-i Imran süresi,97)[45]

5. **Şah Muhammet Ysmaýyl[46] bolsa şu mysallary agzap geçýär:**

**a) Ewliýadan doga bilen ýardam soramak we olara istigasa etmek (ýardama çagyrmak)**

***Delili;***

**«Alladan başga peýdasy hem zyýany hem degmeýän zatlara doga etme»** (Ýunus süresi,106)

**«Rebbiňizden istigasa edeniňizde** (ýardam soranyňyzda) **Ol size gaýtargy beripdi** (ýagny kabul edipdi)**»** (Enfal süresi,9)[47]

**b) Ewliýadan – gaýybana – ýardam soramak[48]**
**c) Ewliýa üçin nezir etmekde we olar üçin gurban (olaryň ýollaryna sadaka) etmekde şirk[49]**
**d) At dakmakda şirk etmek.**

Dünýä inen çagalary ewliýa ýöňkemek, ýagny çaganyň dogmagynda Alladan başgasyny sebäp bilmek we olara ýöňkäp çaga at goýmak. Abdunnebi (Pygamberiň guly), Hibetu Aly (Alynyň peşgeşi), Hibetu Huseýin (Huseýniň peşgeşi), Hibetu Murşid (Murşidiň peşgeşi) we ş.m. atlar dakyp, olardan belalaryň gitmegini dilemek.[50]

**e) Alladan başgasyna ant içmek.[51]**
**f) Allanyň welileriniň biriniň ady bilen çaganyň daşyndan tüsse aýlamak. (ýüzärlik we şoňa meňzeş ösümlikler bilen)**
**g) Weliniň adyna çaga eşik geýdirmek.**
**h) Weli adyna oglunyň aýagyndan bir ýüp baglamak.**
**i) Alladan başgasyna sejde etmek.[52]**
**j) Alladan başgasynyň gaýby bilýändigine ynanmak.[53]**
**k) Alladan başgasynda gudrat sypatynyň bardygyna ynanmak.[54]**

Mundan soň Şah Muhammet Ysmaýyl şeýle diýýär: «Bularyň ählisi bilen şirk ýüze çykar we netijede ynsan müşrik bolar»

---

[45] Hujjetullahul-Balyga, 1/183, (Ýem çapynda 1/543). El-Buzurul-Baziga, 1/127.
[46] Durmuşy barada öň maglumat berildi.
[47] Ruhul-Megany, 6/129, 11/98.
[48] Munyň delili barada ýokarda agzap geçildi.
[49] Munyň delili barada ýokarda agzaldy.
[50] Munyň delili barada ýokarda agzalyp geçildi.
[51] Munyň delili barada ýokarda agzalyp geçildi.
[52] Munyň delili barada ýokarda agzalyp geçildi. el-Bahrur-Raik, 5/124, el-Mirkat, 2/202, Ruhul-Megany, 17/213.
[53] Munyň delili barada ýokarda agzalyp geçildi. „el-Fetawal-Hindiýýe"de gaýby bilýändiklerini öňe sürýänler barada hököm bardyr. 6/325-326, el-Bahrur-Raik, 3/88, 5/124.
[54] Takwiýetul-Iman, sah;19-21 (Urdu dilinde) en-Nedewi, Risalatut-Tewhyd, sah;25-33.

Ymam Muhammet Dehlewi, başga bir ýerde şirkiň görnüşleri barada şeýle diýýär:

**a) Ylymda şirk:**

Delili;

**«(Alla olaryň) Öňlerindäki (öňlerinde boljak hadysalary) we yzlaryndaky (geçmişde bolan) zatlary bilijidir. Islän mukdarynyň daşynda, Onuň ylmyndan hiç bir zat bilipbilmezler (aň ýetirip bilmezler)»** (Bakara süresi,255)

**b) Tasarrufda şirk.**

Delili;

**«Aýt, Alladan başga taňry hasaplaýanlaryňyzy çagyryň, olaryň göklerde we ýerde bir zerre agyrlygyndaky hiç bir zada hem güýçleri ýetmez. Onuň (Allanyň) ýaradylyşda şärigi bolmaýşy ýaly, olardan hiç bir ýardamçy bolany hem ýokdyr. Onuň ýanynda rugsat berenlerinden başgasynyň şefagaty peýda bermez»** (Sebe süresi,22-23)

**c) Ybadatda şirk.**[55]
**d) Adatda (ýagny amalda) şirk.** [56]

Munyň üstüne Nedewi hem goşup, gabyra ýykylýanlara garşy berk durupdyr.[57]

[55] Munyň delili barada ýokarda agzalyp geçildi.
[56] Reddul-Işrak, sah; 16-17.
[57] Risalatut-Tewhyd, sah; 34-40.

## ÜÇÜNJI BÖLÜM

## HANAFY YMAMLARYNYŇ TEWHYDY GORAMAK ÜÇIN GARŞYSYNA GÖREŞEN ŞIRKE ELTIJI SEBÄPLER.

Hanafy ymamlary, gabyrlary gips bilen suwamak **(aşakdaky 1-e seret),** gabyrlaryň üstüne bina (kümmet we metjit) galdyryp ony beýgeltmek,**(aşakdaky 2-ä seret),** üstüne ýazgy ýazmak,**(aşakdaky 3-e seret)** gabyrlary metjide öwürmek**(4),** içine kandil (çyra) ýakmak,**(5)** gabyrlara tarap bakyp namaz okamak we doga-dileg etmek,**(6)** gabyrlary baýram ýerine öwürmek**(7)** hem-de ýörüte gabyr zyýaraty üçin sapara çykmak**(8)** ýaly işleri şirke eltiji sebäpler hökmünde düşündiripdirler.

---

**(1)** Müslimiň Jabyr we beýlekilerinden rowaýat eden hadysynda, Allanyň Resuly gabyrlary gipslemek, üstüne oturmak we üstüne bina galdyrmak ýaly işleri gadagan etdi. Abu Hanyfa we ashabynyň (Ymam Abu Ýusuf, Ymam Muhammet we Ymam Züfer) bu hakdaky garaýşlaryny bilmek üçin şu eserlere seredip bilersiňiz. **Bedayygus-Sanayg, 1/320, Tuhfetu Fukaha, 2/256, el-Metanet, 2/121, Fethul-Mülhim, 2/121, Megarifu Sünen, 3/305, 307, Haşyýetut-Tahawy, sah;335, Haşyýetu Reddul-Muhtar Ibn Abidin, 2/237, el-Fetawal-Hindiýýe, 1/194, el-Bahrur-Raik, 2/19, el-Mebsut, 2/62, Haşyýetu Marakil-Felah, sah;405, el-Ibdag, sah; 197, Ziýaratul-Kubur, sah;29.**

**(2)** Müslimde Allanyň pygamberiniň (a.s.w.) Alyny, gabyrlary tekizlemek üçin iberendigi barada rowat bardyr. Hanafy ymamlarynyň bu baradaky garaýyşlaryny bilmek üçin şu kitaplara seredip bilersiňiz: **Tebýinul-Hakayk, (ez-Zeýlagy), 1/264, Fethul-Mülhim, 2/506, Ruhul-Meani, 15/237, (el-Alusi), Fethul-Kadyr, 2/141.**

**(3)** Bu hakda Abu Dawut, Tirmizi we beýlekiler Jabyryň üsti bilen Allanyň Resulyndan rowaýat edýärler. Alla Resulynyň (s.a.w.) gabyrlaryň gips bilen suwalmagyny hem-de

üstüne ýazgy ýazylmagyny gadagan edendigini rowaýat edýärler. Bu babatda serediň; **Bedayygus-Sanayg, 1/230, Tuhfetul-Fukaha, 2/256, Tebýinul-Hakayk, 1/264, Haşiýetu Mawakiýil-Felah, sah;405, el-Ibdag, sah;197.**

**(4)** Allanyň Resuly (s.a.w.) şeýle diýdi: «Allanyň lagnaty ýahudilere we hristiýanlara bolsyn! Olar pygamberleriniň gabyrlaryny metjide öwürdiler» (Buhary, Muslim) «Şuny belläň! Sizden öňkiler pygamberlerniň gabyrlaryny metjide öwürýärdiler. Siz gabyrlary metjide öwürmekden ägä boluň! Sizi mundan saklaýaryn.» (Muslim) Bu babatda serediň: **Tebýinul-Hakayk, 1/264, Ruhul-Megani, 15/237, el-Mirkatu fi şerhyl-Mişkat, 2/22; el-Kewäkibud-Durary, 1/316-317; el-Berari, Ziýäretul-Kubur, sah;29, el-Mejälisul-Erbega, sah;13.**

**(5)** «Allanyň Resuly gabyra zyýarat eden aýallary, gabyrlaryň üstüni metjide öwürenleri hem-de üstüne kandil (çyra) asanlary lagnatlady» (Ahmet ibn Hanbal, Tirmizi) Şeýle hem serediň: **el-Ibdag, sah;189, el-Kewäkibud-Durary, 1/317, Ziýäretul-Kubur, sah;29, el-Mejälisul-Erbega, sah;13.**

**(6)** Allanyň Resuly şeýle diýdi: «Gabyrlaryň üstünde oturmaň we gabyrlara tarap namaz okamaň.» Abu Hanyfa, doga edilen wagty Resulullanyň gabryna bakmagy mekruh görer eken. Seret: **et-Tewessül wel-Wesil, sah;293, Ibn Teýmiýýe, Ruhul-Megani, 6/125, Mejmaul-Enhar fi Şerhy Multekal-Ebhar, 1/313.**

**(7)** Abu Dawut, Abu Hureýreden Allanyň Resulynyň şeýle diýendigni rowaýat edýär: «Öýleriňizi gabyra öwürmäň. Meniň gabrymy hem zyýaratgäh ýerine öwürmäň. Maňa salawat getiriň, sebäbi nirede bolsaňyz boluň, salawatyňyz maňa gowşar» Şeýle hem seret: **el-Ibdag, sah;185.**

**(8)** Resululla (s.a.w.) şeýle diýdi: «Üç metjitden başga hiç bir ýere sapara çykylýan däldir. (syýahat edilýän däldir) Olara Metjidi Haram, meniň metjidim (Metjidi Nebewi) we Metjidi Aksadyr»

## DÖRDÜNJI BÖLÜM

## HANAFY YMAMLARYNYŇ GADAGAN EDEN ŞIRKIŇ BEÝLEKI GÖRNÜŞLERI

Ynsany haýrana goýýan bir zat bardyr ol hem; Arap müşrikleri Rububiýet babatda şirk etmändiler (ýagny olar Allanyň ýeketäk ýaradyjydygyny ykrar edýärdiler), olar diňe Uluhiýet barasynda şirk edipdiler (ýagny olar Alla ybadatda şirk etdiler). Emma gynansagam, bu gün hem Yslam Ymmatynda Rububiýet babatda şirkiň bir näçe görnüşlerne duş gelmek bolýar. Emma eger okujy temamyz bilen baglanşykly aýtjak bolýanlarymyza akyl ýetirip bilse, haýran galyp oturasy zadyň ýokdygyna göz ýetirjekdir.

Muhammet Alauddin el-Haskefi,[58] Alladan başgasyna nezir etmek hakda şeýle diýip geçýär: «Şuny belläp goý! Ölüler sebäpli halkyň arasynda bir näçe kişiniň başyna gelen we mum ýakmak, çyra ýagy we şuňa meňzeş zatlar üçin ewliýanyň gabyrlaryna ýakynlaşmak üçin olardan alnan pullaryň ählisi, yjmag[59] bilen batyldyr we haramdyr»[60] Ibn Abidin, Muhammet Haskefiniň aýdan bu sözleriniň beýanynda şeýle düşündiriş berýär; «**Olara (ewliýa) ýakynlyk üçin**» diýen sözi babatda bu: «Eý pylany! eger ýiten eşegim dolanyp gelse ýa-da keselden açylsam ýa bolmasa mätäçlik çekýän zadymy bitirseň, saňa şunça gyzyl ýa-da kümüş, ýa-da tagam ýa-da mum we ýag berjek» diýmeklik we ş.m. sözlerdir. «Batyl we haramdyr» diýen sözi bolsa dürli düşündirişleri bardyr. Mysal üçin, ýaradylanlara nezir etmeklik. Bu ýerde nezir jaýyz däldir. Çünki nezir ybadatdyr, ybadat hem hiç bir gula edilmez. Üstesine özüne nezir edilen şol kişi ölüdir. Ölü bolsa mülk edinip bilýän däldir.[61]

Alusi, Alladan başgasyna «istigasa» edýänler (ýagny meded, ýardam soraýanlar), çenden aşa ölülere ýykylýanlar hem-de olara nezir we şonuň ýaly tagatyň bir näçe görnüşlerini mahsus edýänler hakda şulary nygtaýar; «Allahu Tagala aýdýar: **«Alladan başga ybadat edýänleriňiz bir siňek hem ýaradyp bilmezler»** (Haj süresi, 73)

Bu aýat ewliýa ýykylmak babatda çenden geçenleri ýazgarýandyr. Çünki käbir ynsanlar kyn günlerinde Alladan gapyl bolup (unudyp) olara «istigasa» edýärler. Olara nezir ederýärler. Olaryň içinde akyllylary; «Olar bizi Alla eltiji (ýakyn edýän) wesilelerdir (araçylardyr). Biz diňe Alla üçin nezir edýäris. Munyň sogabyny bolsa ol welä bagyş edýäris» diýerler. Hiç gürrüňsiz, bularyň birinji aýdan sözleri, edil Kuranda agzalan: **«Biz olara diňe, bizi Alla has beter ýakynlaşdyrsynlar diýip ybadat edýäris»** (Zümer süresi, 3) diýen müşrikleriň sözlerine meňzeýär. Ikinji delillerinde bolsa, olardan bu ýol bilen keselleri üçin şypa islemeseler we ýiten ýakynlaryny ýa-da zatlaryny gaýdyp gelmegini dilemeseler, hiç hili bir mesele ýokdyr»

Muhammet ibn Ýahýa ibn Muhammet Kandehlewi Hanafy[62] şeýle diýýär: «Gabyrlaryň üstüne metjit galdyrmak babatda aýdylanda, bu ýahudilere meňzemeklikdir. Çünki bu ýahudileriň, pygamberleriniň we beýleki hormatlanýan ölüleriniň şanyny galdyrmak üçin hem-de ölülere hormat bolsyn diýip, olaryň gabyrlarynyň üstüne metjit gurmaklaryndaky tagzyma meňzeş we putlara ybadat edýänleriň amallaryna çalymdaş zatdyr... gabyrlarda kandil (çyra) ýakmaklyk meselesi bolsa, bu bir ysryp etmeklikdir. Allahu Tagala: **«Mal-mülklerini biderek ýere sarp edýänler Şeýtanyň doganlarydyr. Şeýtan bolsa Rebbini köp inkär edijidir»** (Isra süresi, 27) diýip perman edýär. Munda ýahudilere meňzemeklik bardyr. Çünki olar gabyrlarynyň üstüne kandiller (çyra) asyp

---

[58] Muhammet ibn Aly ibn Muhammet el-Husny (Haskefi), Hanafylaryň Şam müftüsüdi. "ed-Durrul-Muhtar fi Şerhy Tenwiril-Ebsar", "Ifadetul-Enwar ala Ululil-Menar" atly eserleri bardyr. Seret; Hulasetul-Eser, 4/63-65, el-Aglam, 6/294.

[59] Yjmag – hezreti Pygamberden (s.a.w.) soň her haýsy bir döwürde bir meseläniň şerigatdaky hökmi babatda Yslam müjtehitleriniň (ulemalarynyň) bir pikire gelmekleri.

[60] ed-Durrul-Muhtar, 2/439.

[61] Şol eser, sah;2/449-450.

[62] Muhammet ibn Ýahýa ibn Ysmaýyl el-Kandehlewi el-Hanafy. Fazylatly bir edebiýatçy we alymdyr. Ylymda çuňňur ukyba eýedir. El-Kewäkibud-Derari atly eseri bardyr. H. 1334-de dünýäden gaýtdy. Seret; el-Musannefiň girişi, 1/27; şeýle hem el-Anakidil-Galyýe.

ýagtylandyrýardylar hem-de etmesiz biderek işler bilen meşgul bolup, gabyrlara uly hormat goýýardylar»[63]

Alusi Hanafy şeýle diýýär: «Men, salyh (ýagşy) kişileriň gabyrlaryny galdyrmagy (beýgeltmegi), üstüne taş, kerpiç bilen bina gurmagy we ol gabyrlara tarap bakyp namaz okap, daşyndan aýlanmagy, gabyrlary el bilen salamlap belli wagtlarda bu ýerlere gelmegi mubah hasaplaýan (günä däl) jahyl (nadan, akylsyz) kişileri gördüm. Bu işleriň ählijesi, Alla we onuň resulyna garşy duşmançylyk we Allanyň dininde Allanyň rugsat etmedik zatlary toslap tapmaklykdyr. Hakykaty bilmegiň üçin, Pygamberiň (s.a.w.) gabrynyň ýerýüzündäki ähli gabyrlaryň iň fazylatlysy (derejesi artykmaç) bolmagyna garamazdan, sahabalarynyň onuň gabry babatda özlerini neneňsi alyp barandyklaryny hem-de onuň gabryny zyýarat etmeklik bilen baglanşykly olaryň alyp baran ýollaryny bilmegiň ýeterlikdir. Olaryň myras edip goýan hereketleri biz üçin ýetikdir we häzirki wagt bu ýerde bolýan zatlar bilen şol döwürde bolan zatlary göz öňüne getirseň Alla seni dogra elter»[64]

Ymam Weliýýulla Dehlewi şeýle diýýär: «Eý okujy! Eger sen müşrikleriň akydalarynyň neneňsidigini dogry görnüşde bilmek isleseň, bu döwürdäki yrymçylara, aýratyn hem Yslam dünýäsiniň dürli sebitlerinde ýaşaýan adamlaryň «welilik» hakdaky düşünjelerine göz aýla» Olar ozal ýaşap geçen Allanyň weli bendeleriniň bardygyny ykrar edýän hem bolsalar, häzirki döwürde welileriň bolup biljeginiň mümkin däldigini aýdýarlar, gabyrlara we ýatanlara ýykylmaklyga iman edýärler. Bu kişiler şirkiň, bidgatlaryň hem-de hurafalaryň (yrymlaryň, esassyz zatlaryň) her görnüşi bilen synag edildiler. Olaryň ýüreklerine dini ýoýmaklyk we Allany mahluga deňemeklik ynanjy ornaşyp nebisleriniň çuňluklaryna siňdi. Hatda, «Kasam bolsyn siz, sizden öňkileriň ýoluna uýarsyňyz» diýen hadysyň hökmine laýyklykda bir bela we pitne bar bolsa, musulmanlar şol belanyň içine girdiler. Gepiň gysgasy, Allanyň rahmeti we Pygamberleriň serweri bolan Muhammet ibn Abdyllany (Allanyň salawat we salamy oňa bolsyn) Allahu Tagala, Arap ýarymadasynda resul edip iberdi we oňa ”Hanyf bolan dini dikeldip, batyl toparlara garşy Kurany Kerim bilen göreşmegini emretdi. Olara garşy göreşde delil getirme öňden gelýän Yslam dininiň anyk kadalary bolup, munyň saýasynda garşydaşy gepletmezkik, ondan çekinmezlik, we hüjjetleri (delilleri) ýok etmeklik amala aşýar»[65]

**El-Buzurul-Bagyza**da şeýle diýlip geçilýär: «Allanyň resuly dogry aýtdy: «Siz, sizden öňkileriň ýollaryna garyş-garyş, gulaç-gulaç[66] uýarsyňyz. Hatda olar zemzemiň hinine girseler, siz hem olara uýup şol hine girersiňiz» Şonda; «Ýa Resulalla! Ýahudiler bilen Hristiýanlarmy olar?» diýişdiler. Ol hem; «Dagy kim bolsyn?» diýip jogap berdi. (Buhary, Muslim)

«Görmeýärmisiň! Mekkeli müşrikler ähli barlygyň bir zynjyr görnüşinde Allahu Tagala degişlidigini kabul edýärdiler:

[63] El-Kewäkibud-Derari, 1/316-317.
[64] Ruhul-Megany,15/239-240.
[65] El-Fewzul-Kebir, 26.
[66] Gulaç-iki gol iki taraba uzadylanda iki eliň barmak uçlarynyň aralygyny bildirýän uzynlyk ölçegi.

**«We eger olara gökleri we ýeri kim ýaratdy, diýip sorasaň, gürrüňsiz «Alla» diýerler»** (Lokman süresi, 25).

Emma bu olary Alla şirk etmekden halas edip bilmedi. Olaryň ählisi, Allahu Tagalanyň diýşi ýaly, Oňa şärik goşdylar:

**«Olaryň aglabasy diňe Alla şärik goşmazdan iman etmezler»** (Ýusuf süresi, 106)

«Allahu Tagala, mekkeli müşrikleri, özleri üçin un gowrup beren bir adamy taňrylyk derejesine çykaryp, kyn günlerinde ondan ýardam diländikleri üçin tekfir etdi (kapyr bolandyklaryna höküm etdi)»

Ady ibn Hatem, sadyk we Allanyň ýanynda tassyk edilen Pygamberden (a.s.) şeýle rowaýat edýär; Allanyň resuly: **«Alymlaryny we ruhbanlaryny Alladan daşgary reb kabul etdiler»** (Tewbe süresi, 31) aýatyny okanda şeýle diýdi; «Hakykatda olar (ýagny ýahudiler bilen hristiýanlar) alymlary bilen ruhbanlaryna (mollalaryna) ybadat etmeýärdiler. Emma olaryň halal edýänleri halal kabul edýärdiler, haram edýänlerini hem haram kabul edýärdiler»[67] Olaryň başyndan geçen bu synag häzirki döwürde hem bolup biler. Belki-de samsygyň biri çykyp; «Bu nähili bolup biler? Muny hiç kimden eşitmedik!» diýip biler. Biz hem oňa jogap edip şeýle diýeris; «Şunu gowy belle, tahryf (ýoýmaklyk, pozmaklyk) diňe bir sözi (lafzy) hemmeleriň düşünşi ýaly beýleki bir söz bilen çalyşmak däldir. Gaýtam tahryf, bulardan hem has beter howply bir zatdyr. Munyň iň köp duş gelýän görnüşi hem, sözi (lafzy) goýulan maksadynyň daşyna çykaryp ony öz hewasyna (kellesine gelýän pikirlere) we nebsine görä üýtgetmeklikdir. Allanyň resuly – sallallahu aleýhi we sellem – bize, bir gün gelip käbir adamlaryň, şeraba (içgä) başga bir at goýup halal etjekdiklerini, zynany adyny üýtgedip «Alla muny Kitabynda haram etmedi, muny isleýşiňiz ýaly edip bilersiňiz» diýjekdiklerini habar berendir. «Baldan ýasalan içgi serhoş ediji däldir» diýip ony halal edýän adamlaryň ýüze çykandygyny görmeýärmisiň? Ynha bular, Alla resulynyň ýüze çykjakdyklary hakda habar beren kişileridir. Bulardan käbirleri: «Ynsan, öz oglunyň gyrnagy bilen öýlense bu haram däldir, halaldyr» diýjekdirler. Ynha bular ýüzleri tersine öwrülen adamlardyr. Olary, özleriniň nebisleriniň arzuwlary aldawa salandyr. Ertir olar, kimiň iň ýaman ýalançy bolandygyny görjekdirler. Hatda şeýle adamlar görersiňiz welin, olaryň halal diýen zatlaryny halal bilerler we özlerine Allanyň aýatlaryny okaýanlaryň üstüne topulyp hüjüm edäýjek bolarlar. Sen olary görmeýärmisiň?, olara haçan-da: «Geliň ynsanlaryň sözlerini goýalyň, ynsanlar dogry bolup hem bilerler ýalňyşyp hem bilerler, Kitaba (Kurana) we Sünnete uýalyň» diýlende, aýaty kerimede aýdylşy ýaly: **«Şeýle diýerler: "Biz ata-babalarymyzy bir ýolda ýöreýändiklerini gördük we biz olaryň yzlaryna düşeris»** (Zuhruf süresi, 23). Bu sözleri sözleýänler, özlerini Alla dagwat edýänlere (çagyrýanlara) tas topulyp başarsalar öldüräýjek bolarlar. Ynha olar, hakykatdan müşrikdirler. Bir gezek şular ýaly bir hurafa (hak bolmadyk ynançlar) duş gelemde endamym titräp gitdi;

[67] Et-Tirmizi, Kitabu Tefsiril-Kuran, (Tewbe; 5(218) h.395, Ibn Jerir, 10/114; el-Beýhaky, es-Sünen, 10/116. Hemmesi Musgab ibn Sagd ibn Ady ibn Hatemiň üsti bilen rowaýat etdiler. Tirmizi, bu hakda „garyp hadys" diýdi.

Bir wagtlar adamlaryň nazarynda ýagşy hasap edilýän birisi bardy. Ol; «Eger Allahu Tagala, Kyýamat güni pylan kişiniň suratyndan (keşbinden) başga bir suratda peýda bolsa, Ony görüp bilmerin» diýipdir. Ynha bu adam, Allanyň gadryny kiçi görüp, Ony pylanyň derejesinden pes saýypdyr. Eger bu rowaýat dogry bolsa, ol adam Allanyň gazabyndan asla sypyp biljek däldir.[68]

Ymam Ysmaýyl Dehlewi, «Takwiýetul-Iman» atly eserinde, Nedewiniň hem «Risalatut-Tewhyd»da aýdyşy ýaly; «Şirk pitnesiniň barha artmagy we ynsanlaryň arasynda şirk» diýen bölümde şeýle diýýär;

«Şuny bellegin! häzirki wagtda ynsanlaryň arasynda şirk gaty ýaýrady we halys (päk) Tewhyt ýat boldy. Emma ynsanlaryň köpüsi, şirkiň näme many aňladýandygyna aň ýetirip bilmeýärler. Emma bolsa olar iman edendiklerini aýdýan hem bolsalar, köp amallarynda şirke girip ony şirkiň hapasyna buladydylar»[69] Hemme zatdan öň, adamlaryň şirk we Tewhydyň Kuran bilen Sünnetde näme many aňladýandygyna akyl ýetirmeli hem-de onuň hökmünini öwrenmelidir.

## 1.Şirkiň daşky alamatlary we dürli görnüşleri

Mälim bolşy ýaly, häzirki gün ynsanlaryň köpüsi şeýhleri, pygamberleri, ymamlary,[70] perişdeleri we jynlary, kynçylyk günlerinde çagyryp, olardan mätäç bolan zatlarynyň ýerine ýetirilmegini, islegleriniň amala aşmagyny umyt edip; olaryň ýoluna nezir edip (janly aýdyp) özleriniň imdadyna ýetişip, gerekli zatlarynyň berjaý bolmagy üçin gurbanlyk çalýarlar. Hatda başlaryna geljek belalary sowmak üçin, çagalaryny olara ýöňkäp, Aly Bahş (Alynyň peşgeşi), Huseýn Bahş (Huseýniň peşgeşi), Medar Bahş (Medaryň peşgeşi),[71] Salar Bahş (Salaryň peşgeşi)[72] diýip at dakýarlar. Biziň pygamber hakda aýdan zatlarymyzda, olara bolan söýgi we hormatymyza hiç hili zeper ýetirmeýär. Ýöne, eger ygtykadymyzda pygamberleri Alla bilen deň we bir derejede görsek, onda bularyň ählijesi şirk bolar.

Olar şonda diýerler: «Ýöne biz beýle diýmeýäris. Gaýtam, munyň tersine ynanýarysr. Olar hem Allanyň ýaradan bendeleridir. Emma olar babatynda, dünýäde islän işlerine güýç

[68] El-Budur el-Bazyga, sah; 167-170.
[69] Takwiýetul-Iman.
[70] Ýagny, Şaýy toparynyň çenden aşa derejelerini göterýän ymamlary. Olar ymamlary üçin tagzym (beýgeltmek) we takdys babatynda (mukaddeslemekde) olaryň magsum (günä işlemekden päk) bolandyklaryny aýdyp biljek derejede çenlerini geçdiler. Mysal üçin ymamlaryň gaýby bilýändiklerini aýtmaklyk ýaly. Ymamlyk meselesini şeýle bir görnüşde düşündirdiler welin, tas ony ”Nübüwwet –pygamberlik” ýaly görersiňiz. Ehli sünnet, Hindistanda ençe emir we ýolbaşçylaryň gysmagy bilen hem-de olar bilen bilelikde ýaşaşmagyň netijesinde, olaryň akydasynyň täsirlerinde galypdyrlar.
[71] Bediýýüddin Halaby Menkebury, Hindistanyň meşhur welilerindendir. Ol hakda aklyň we naklyň (dini delilleriň) asla kabul etmejek zatlary aýdylýar. Halk arasynda oba ýerlerde, ýylyň on iki aýynyň birisi, onuň şanyna gurnalypdyr. Ady, halk arasynda ýaýran hekaýatlara garyşypdyr. Ol, soňky döwürlerde hak ýoldan çykan Medariýe Tarykatyny esaslandyryjylarynyň biridir. Bu tarykata soňky döwürler ençe hurafa (bolmajak zatlar), ryýazat (nefsiň isleglerini basdyrmak üçin edilýän dinde bolmadyk hereketler) bulaşypdyr. Medar, Hijri 844-nji (1441-nji milady) ýylda aradan çykdy. (Abul-Hasan Nedewiden rowaýat edildi.)
[72] Seýit Salar Mesgut Gazy, Hindileriň iň meşhur adamlaryndan biridir. Ol hakda ençe bolmajak zatlar aýdyrlypdyr. Onuň şahsyýeti intäk ylym we taryh taýdan anyklanmadykdyr. Ibn Batuta, özüniň ”Seýahatnama”synda ol barada söz açýar. Onuň bir näçe ýeri fetyh edendigini belleýär. Ol hakda meşhur we garyp bir entek habar gelipdir. H. 588-de şehit bolup ölüpdir. Hindistanyň demirgazygynda Behraç diýen şäherde jaýlandy. Nuzhetul-Hawatyrda aýdylmagyna görä, Hindi şalary örän kaşaň kümmet saldyrypdyrlar. Ynsanlar ýurdyň dürli künjeginden oňa gelýärler. Onuň hiç öýlenmändigine ynanýarlar. Şol sebäpden her ýyl ony öýerýärler. Toýlarda şatlanyp, nezir edip (janly aýdyp) onuň gabryna gidýärler.

ýetirýändiklerine ynanmagymyz bolsa, Alladan olara beren nygmatydyr. Allanyň rugsady we yrzasy bolmasa olar hiç bir zat babatda isleýşi ýaly hereket edip bilmezler. Olara doga edip ýalbarmagymyz, olardan ýardam dilemegimiz (istimdad-meded soramagymyz), diňe we diňe Alla ýalbarmak we Ondan ýardam dilemeklikdir. Olaryň Allanyň ýanynda dereje we mertebeleri bardyr. Her kim ol derejä ýetip bilmez. Alla olaryň elleriniň etjek zadyna we bendeleriniň arasynda berjek hökümlerinde olara erkin hereket etmek ygtyýaryny berdi. Olar islänini ederler, isleýişleri ýaly höküm berip meseläni çözerler. Olar Allanyň ýanynda biziň şefagatçylarymyz we wekillerimizdir. Kim olaryň ýanynda bir orun tapsa, onuň Allanyň ýanynda hem bir orun tapar. Olary nä derejede tanasa, Allany hem şol derejede tanar...” ýaly olaryň bir näçe bozuk düşündirişleri we çürük delilleriniň hiç biri hakda Alla bir höküm indiren däldir.

Munyň beýle bolmagynyň sebäbi; olaryň Allanyň Kelamyny we resulynyň Hadysyny arkalaryna zyňmaklary, öz ýetersiz akyllaryna haky bolmadyk bir meselä girmeklik ygtyýaryny berip, erteki äheňli hekaýalary hem-de hiç bir taryhy taýdan maglumatlara we hakyky rowaýatlara esaslanmaýan halk ertekilerine daýanmaklary; hurafa (esassyz düşünjeler) bolan jahylyýýet däpleridir-dessurlary öňe sürmekleridir. Eger olar hakykatdan Allanyň Kelamy bilen resulynyň sözlerine – laýyk bolan ornuny berip – hakyky manylaryna aň ýetirsediler; Allanyň resulynyň döwründe kapyr Araplaryň, şol bir prensibe esaslanýandyklaryny, Allahu Tagala bolsa olaryň bular ýaly bozuk düşünjelerini kabul etmedigini bilerdiler we munyň sebäbini hem öwrenerdiler. Allahu Tagala olar hakda şeýle diýýär;

**«Allany taşlap, özlerine ne peýda ne-de zyýan ýetirip biljek zatlara gulluk ederler we «Bular Allanyň ýanynda biziň şefagatçylarmyzdyr» diýerler. (sen olara) Aýt; Siz Alla, göklerde we ýerde bilmeýän bir zadynymy habar berýäňiz? Ol siziň şirk goşýän zatlaryňyzdan daş we belentdir»** (Ýunus süresi, 48).

Bu aýatdan, Alladan başga gökde we ýerde hiç kime şefagat etjek ýokdyr. Pygamberleriň şefagatlary bolsa, diňe Rebleriniň rugsady bilen boljakdyr.

**«Olar, Allanyň razy bolanlaryndan galanlara şefagat edip bilmezler. Olar, Ondan (Allandan) gorkularyna çekinşip durandyrlar»** (Enbiýa, 28). Biri olary çagyrsa-da we atlayny tutsa-da tutmasa-da, Allanyň isläninden we emretdiginden başga zat boljak däldir.

## Jahylyýýet Döwriniň Ynsanlarynyň Şirki we Dalalatlarynyň (hak ýoldan azaşmaklarynyň) Hakykaty

Netijede, Allanyň resulynyň döwründe kapyrlaryň, taňrylaryny Alla bilen deň tutmandyklaryny, olary Alla bilen bir derejede görmändiklerini bildik. Gaýtam olar, özlerini Allanyň ýaradandygyna ynanýardylar we hiç bir wagtam taňrylarynyň isle dereje taýdan isle gudrat we güýç taýdan pes däldigini hem-de olar bilen Allanyň bir mertebededigini aýtmaýardylar. Olaryň küfrü we şirki diňe, taňrylaryna ýalwarmaklary, olara berýän

gurbanlyklary, nezirleri (aýdylan janlylar) hem-de taňrylarynyň ady bilen Alla golaýlamagy maksat edinmekleri, olary Alla bilen öz aralarynda şefagatçy we wekil hökmünde görmekleridi. Kim her haýsy birine, kafyrlaryň taňrylaryna eden zatlarynyndan bir zat etse, Allanyň barlygyna yman edip, muny ykrar edip, Onuň bendesidigini aýtsa-da, Abu Jehil bilen ol, şirkde bir mertebede boljakdyrlar.

## 2. ŞIRK HAKYKATY WE ŞIRK BOLAN AMALLAR

Şuny gowy belle, şirk ynsanyň diňe bir zady Alladan öňde goýmagy ýa-da Alla bilen onuň arasynda hiç bir tapawudyň ýokdygyny aýtmagy däldir. Gaýtam şirkiň hakykaty ynsanyň, Allanyň özüne mahsus eden sypatlary we özüne ybadata alamat eden zatlary başgasyna mahsus etmegi bilen, mysal üçin bir ynsana sejde etmegi, onuň ady bilen nezir etmegi, kynçylyk wagtlarynda ondan medet soramaklygy, onuň her ýerde bardygyna we görüp durandygyna ynanmaklygy, onuň islän zadyny edip bilmäge güýjiniň bardygyny kabul etmekligi bilen hem şirk ýüze çykar. Bulary eden kişi bolsa müşrik bolar. Ol özüniň, sejde edýän, ýoluna gurbanlyk kesýän, nezir edýän ynsanynyň ýa-da jynyň, Alladan has pes we kiçi görse-de, Allanyň ony ýaradandygyny ýa-da onuň Allanyň bendesidigini aýtsa-da, ol ynsan müşrik bolmakdan halas bolup bilmez. Bu meselede weliler, pygamberler, jynlar, şeýtanlar, ifritler hem-de perileriň arasynda hiç bir tapawut ýokdyr. Kim bu agzalan hereketleri olara mahsus etse, ol müşrikdir. Şol sebäpden Alla (azze we jelle) alymlary we ruhbanlary babatda, edil müşrikleriň taňrylaryny wasp etmegi we butlara çokunýanlaryň şirk etmegi ýaly ynanja we amala eýe bolan ýahudi we hristiýanlary hem müşrik diýip häsýetlendiripdir. Allahu Tagala hem hak ýoldan çykanlara, hem-de dinleri babatda çenlerinden geçenlere gazap edendir;

**«Olar, Allany taşlap alymlaryny, rahiplerini we Merýem ogly Mesyhy reb (taňry) bildiler. Eýsem olara, täk bolan taňra ybadat etmekden başga zat buýrulmandy. Ondan başga taňry ýokdyr. Ol, bularyň şirk edýän zatlaryndan münezzeh we beýikdir»** (Tewbe süresi, 31)

Isle alym ýa-da ýönekeý bendeler, isle ýolbaşçylar ýa-da şalar bolsyn ähli ýaradylanlar, Allahu Tagala boýun bolmaga mejbur bolan ejiz we güýçsizdirler. Olar ne ýaşaýşa, ne ölüme, ne täzeden direlişe we ne-de Kyýamat güni olary Alla täzeden ýaradanda we olara huzurynda durmaklaryny emredende, boýun gaçyrmaga güýçleri ýokdyr. Allahu Tagala Kitabynda bu babatda şeýle diýýär;

**«Göklerde we ýerde näme bolsa olaryň ählisi, Rahman bolan Alla gul bolup gelerler. (Alla), täk-täk sanap olary birleşdirendir. Olaryň ählisi Kyýamat güni Alla, ýeke özleri geljekdir»** (Merýem süresi, 93-95)

Bu aýaty kerimelerden, Allanyň, mülkinde ýeke özi isleýşi ýaly hereket edip bilýändigini we özünden başga hiç bir kişä mälik (mülkiň eýesi) bolmaklyk güýjini bermändigini, ýene ynsanlaryň ählisiniň Kyýamat güni bir-birden huzura geljekdikleri,

kimsäniň beýleki kimsä päsgel bolup bilmejekdigini öwrendik. Bu barada başga bir näçe aýatlar bardyr.

Kim ýokarda geçen aýatlar bilen bu ýerde hemmesini agzamaga mümkinçilik bolmadyk aýatlar hakda oýlansa, şirk bilen Tewhydyň arasyndaky tapawuda göz ýetirer we şol mahal hem bu iki söziň keşbi ähli äşgärligi bilen ýüze çykar.

Indi, Allanyň (azze we jelle) diňe öz beýik zatyna mahsus edip özünden başgasyna hiç bir görnüşde bermedik sypat we fygyllaryny (işliklerini) agzap geçmägiň gezegi geldi. Bular köpdir; şol sebäpden bu ýerde olaryň ählisini nygtap geçmek kyn boljakdyr. Emma muňa garamazdan, okujynyň tämiz bir düşünje bilen aň ýetirip; saýasynda hak bilen batylyň, hidaýet bilen dalalatyň ara tapawutyny bilmäge kömekçi boljak zatlardan söz açmak ýerlikli boljakdyr.

**3.Ähli zady gurşap alyjy ylym Allanyň sypatlaryndandyr.**

Her ýerde we her wagtda bar bolup her bir zatdan habarly (nazyr) bolmaklyk diňe Allanyň sypatlaryndandyr. Her bir meseleden öň muny bilmelidiris. Ol, az ýa köp bolsyn, gizlin ýa äşgär bolsyn her zady bilijidir. Hiç haçan Ondan gizlenip galjak zat ýokdyr. Bu babatda ýagtylyk bilen garaňkylygyň, gökler bilen ýeriň, daglaryň depesi bilen deňizleriň jümmüşleriniň arasynda hiç hili tapawut ýokdyr. Her wagt we her ýerde her bir zatdan habarly bolýan ylym, Allanyň zatyna mahsus bolan sypatlardandyr. Bu sypatlar babatda hiç kimse Alla şärik bolup bilmez. Kim, bir ynsanyň adyny tutup oňa, aýakdaka, otyrka, golaýdan ýa-da uzakdan seslense, başyna bir bela gelende ýa-da duşmanlaryň şerinden dynmak üçin oňa ýalwarsa we ondan meded sorasa, onuň adyny dili bilen ýa-da ýürekden tutanda gabrynyň gabadyndadygyna ynansa we muny göz öňüne getiren ýagdaýynda onuň muny bilýändigini, başyna gelen bir keseli ýa-da saglygy, kynçylygy ýa-da rahatlygy, ölümi ýa-da ýaşaýşy, gynajy we begenji; gürlän her bir zady, aňynda bolup geçýänleri bilýändigini, bulardan habarlydygyny kabul etse, ol müşrik bolar; çünki bu ygtykady şirkdir. Bu şirke «ylymda şirk goşmaklyk» diýilýär. Bu ylym, her zady gurşap alan Allanyň ylmyny, Alladan başgasyna mahsus etmeklikdir. Hat-da bu bir pygambere, bir welä, bir şeýhe ýa-da bir şehide, ymama[73] we onuň ogluna, ifrit ýa-da jyna degişli edilsin; ýagny onuň öz-özünden muny bilýändigini aýtsa we «bu oňa Allanyň bir hödür-keremidir, ol bu ylym bilen ýeke-täk ynsandyr» diýse, bu sözi bilen, ynanan şol kişisiniň tebygatyndan aýrylmaz bir sypatdygyna ynandygy bolar. Bu ygtykadyň hemmesi şirkdir.

**4. Eradasy we Gudraty bilen öz başdak tasarrufyň eýesi bolmaklyk diňe Alla degişli bir aýratynlykdyr.**

**Ikinji mesele:** Ynsanyň; ylymda, eradada, buýruk bermekde we gadagan etmekde, islänini öldürmekligiň we diriltmekligiň, ryzykda (rysgal) bolluk we gytlyk bermekligiň, saglyk we hassalyk bermekligiň, ýeňiş bermekligiň we ýeňilişe sezewar etmekligiň, kaza we kadary ynsan üçin hyzmatkär etmekligiň, işleriň mydama goralmagynyň, işlerinde yzygiderli

[73] Abul-Hasan Nedewi, ymam diýmeklik bilen Ehli beýtiň ymamlaryny diýjek bolýar.

özgerişe we üstünlige ýetmeginiň ýa-da üstünlikden mahrum ýagdaýda yza gidişlikde bolmagynyň, dünýä işleriniň özüne mätäçlik bolmazdan dolandyrylmagyň, başyna gelen belalaryň sowulmagynyň, kynçylykly wagtlarynda ýardamynyň, umytdan düşen wagtlary özüne el uzadylmagynyň bularyň ählisiniň Allanyň sypatlarynyň ýüze çykmagynyň netijesidigine iman etmäge mejburdyr. Allahu Tagala, bu sypatlary babatda ne pygamberler, ne weliler, ne şehitler, ne salyhlar, ne ifritler we ne-de jynlar şärik bolup bilýän däldirler. Kim olaryň biriniň bu mutlak tasarrufa eýedigini aýtsa, ondan öz isleglerininiň amala aşmagyny dilese, oňa munyň üçin gurbanlyklar berip, nezir edip oňa ýakyn bolmak islese, ýa-da başyna gelen bir kynçylykda ony ýardama çagyrsa, «müşrik bolar». Şirkiň bu görnüşine «tasarrufda şirk» diýilýär. Bu kişiniň olaryň mutlak manyda bu tasarrufa eýedigini aýtmagy bilen, Allanyň olara bu gudraty öz keremi hökmünde berendigni nygtaýan hem bolsa höküm ýene birdir.

**5. Ybadatlar we şol ybadatlaryň aýratynlyklary diňe Alla mahsusdyr.**

**Üçünji mesele:** Allahu Tagala, tagzym (beýgeltmeklik) amallaryny diňe özüne degişli edendir. Muňa «ybadat» diýip aýdylýar. Sejde, rukug, huşug, we tewadug, bilen kyýam etmek ýaly (sag elini sol eliniň üstünde goýup baglamak),[74] beýik we salyh diýip çaklaýan adamlar üçin roza tutmak,[75] uzak aralyklarda bolsa hem olaryň öýlerine tarap bakmak, olara gitmek üçin ýörüte sapar gurnap özüni görmek üçin ýanyna hamala haj ybadatyna gidýän ýolagçy ýaly gitmekleri, ol ynsanyň adyny «telbiýe» getirýän (ýagny lebbeýk diýip boýun bolmak) ýaly pyşyrdamak, onuň üçin ýola çykan saparynda jynsy gatnaşykdan, fyskdan (herdürli günäkärçilikden), suwdaky we gury ýerdäki haýwanlary awlamakdan çekinmeklik hem-de edep we belli bir şertlere bagly hereket edip, ol ynsanyň öýüni tawap edip, oňa sejde etmek, oňa gurbanlyk edip nezir etmek, onuň öýüne Käbä mata, örtük geýdirýän ýaly mata we ş.m zatlar geýdirip işiginde (kyýam) aýak üstinde durmak, doga we ýardama çagyrmak bilen oňa tarap ýöremek, dünýä we ahyrýeti bilen baglanşyky isleglerininiň amala aşmagyny ondan dilemek, arzuwlarynyň hasyl bolmagyny islemek ýaly hereketler şirkdir.

Çünki bu hereketleriň (ybadatlaryň) ählisini Alla, diňe özine mahsus edendir. Şeýle hem, özüniň derejeli bilýän, hormatyny galdyrýan kişisiniň öýündäki daşlary öpmek, haýatlaryny gujaklaklap tutularyndan ýapyşmak, ol ýerde tagzym we ybadat etmek düşünjesi bilen çyralar ýakyşdyrmak, ol ýere gelýänlere su wermek, guýusynyň suwundan bereket tapmak niýeti bilen içmek we şol suwy bedenine dökmek, adamlara şol suwy paýlamak, şol suwy gelmeýänlere eltip bermek, şol kişiniň ýanyndan çykanda arkasyny oňa öwürmezlik üçin yzlygyna ýöräp çykmak, ol ýerde özüni edepli alyp barmak, şol töwereklerde aw etmezlik, agaçlary goparmazlyk, otuny ýolmazlyk ýaly hereketleriň

[74]Parslarda ynsanlaryň hojaýynlaryna we şalaryna tarap el baglap duruşlary ýaly. Kitaby Arap diline terjime eden Abul-Hasan Nedewi şeýle diýýär; Allanyň resulynyň metjidinde namazda durýan ýaly el baglaýan jahyllaryň huşug we tewadug bilen Gabry şerife (Pygamberiň guburyna) tarap bakyp namazdakydan beter bir zillet ýagdaýynda bolmaklary şoňa mysal hereketlerdendir.
[75] Şu ýerden düşnükli bolşy ýaly, ýagşy adamlaryň adyna roza tutmaklyk, gadymy Hindistanda dörän bir ybadatdyr. Kä halatlarda bolsa hakykatda bolmadyk haýaly şahsyýetleriň adyna roza tutulýar. Bu rozalaryň hem özüne mahsus edebi, düzgünleri, niýeti we agyz açary bardyr; belli we hormatly günlerde tutulýar. Bu oraza bilen, şol ýagşy adamlary araçy we ýardamçy tutunyp, olardan öz isleglerininiň amala aşmagyny garaşýarlar. Ymam Ahmet ibn Abdylahad Serhendi (öl. Hijri 1034), bir müridesine ýazan bir hatynda bu meseläniň üstünde durup geçip berk tankyt edipdir.

hemmesini Allahu Tagala diňe özi üçin mahsus edendir. Alladan başgasy üçin bu amallary etmeklik şirkdir.

Kim şol amallaryň her haýsy bir birisini bir tarykat şeýhyna, bir pygambere, bir jyna, bir gabra, bir zyýaratgähe, bir heýkele, ýa-da salyh adamyň ybadat, zikir, we ryýazat (nefis terbiýesi) üçin ygtykafa[76] giren ýerine, bir öýe, ýa bolmasa bir salyh adamyň eserlerine ýa bu eserleriň bolýan ýerine bereket tapmak üçin gitse, ol kişiniň adyna roza tutsa, öňünde huşug (hormat) we tewadug (göwni peslik) bilen dursa, bir elini beýlekisiniň üstüne goýup baglasa, oňa gurbanlyk niýeti bilen mal getirse, ýa Kybla öwrülip durşy ýaly onuň öýüne daşyrakdan öwrülip dursa, onuň üçin ýörüte sapara çyksa, ýa-da (Käbe örtýän ýaly) gabyrlaryň üstüni mata bilen örtse,[77] ýa bolmasa ol ýere baýdak ýaly bir alamat ýa-da bir çybyk dikse,[78] ýa gabry öpse, ol ýerden sinekleri kowmak üçin pyrlanpaç dikse, ýa üstüne çadyr gursa, eşigini öpse, kümmetinde ybadat edýän ýaly kyýamda dursa, oňa we töweregindäki zatlara elini uzatmajak bolup çemeleşse, şirk ýüze çykar. Muňa hem «ybadatda şirk» diýilýär. Bu zatlaryň öz-özünden bu zatlara eýedigini aýtmagy, ýa-da olaryň muňa laýykdygyny aýtmaklgy bilen bu zatlara hormat goýmaklygyň Allany razy etmäge wesile (ýol, sebäp) bolýandygyna ynanmagy ýa bolmasa sarpa goýmagynyň bereketi bilen Allanyň olaryň kynçylygyny giderýändigine ynanmagy arasynda hiç hili tapawut ýokdyr.

## 6. Allatagala edilýän ybadat we tagata mahsus bolan alamatlar

**Dördünji;** Allahu tagala bendelerine imanlarynyň neneňsi dürs bolup, üstlerine rahmetiň nähili injegini we isleglerininiň nähili amala aşjagyny öwredendir. Muňa mysal bermeli bolsa, kynçylyk we erbet hallarda Allanyň ady bilen Oňa ýalwarmak, her bir amala Onuň ady bilen başlamak, çagasy bolan ýagdaýynda şükür etmek niýeti bilen gurbanlyk etmek hem-de çaga Tewhydyň alamatlaryny göterýän at dakmak (Abdylla – Allanyň guly, Abdyrahman – Rahmanyň guly, Hibetulla – Allanyň peşgeşi, Ataulla – Allanyň bagyşy, Emanetulla – Allanyň amanady, Atyýýeturrahman – Rahmanyň bagyşy ýaly).[79] Ekinlerden alnan hasyllaryň, bag-bossanlardan ýygylan ir-imişleriň bir bölegini, mallaryň belli bir bölegini Alla üçin aýyrmak, Alla üçin nezir etmek, haj ybadaty edilýärkä çalnan gurbanlyk mallaryň boýunlaryna bir alamat asyp tagzym etmezlik, iýip-içeňde, geýneňde Allanyň emir edenlerine we gadagan edenlerine laýyk hereket etmek, başyna gelen her haýyr we şeriň, açlyk we doklugyň, bolluk we gytlygyň, saglyk we hassalygyň, bagt we bagtsyzlygyň, şatlyk we gaýgynyň ählisiniň Alladan gelýändigine; işleri öz eradasy bilen baglanyşdyrmazdan Alla tabşyrmak (ýagny, Inşaallah şeýle etjek diýmek), Allanyň güýç we gudratynyň äşgär

[76] Ygtykaf girmek – ybadat maksady bilen bir ýerde belli bir wagt bolmak.
[77] Din işlerinde çenden geçenler, ölüleriň gabyrlaryny, ewliýalaryň we salyhlaryň kümmetlerini hormat bolsyn diýip matalar we örtükler bilen bezemegi adat ýagdaýa getiripdirler. Olara hamala ýaşap ýören şeýhler ýaly garaýarlar. Abul-Hasan Nedewi, bu bidgatyň Arap ýurtlarynda dörändigini belleýär. Şeýh Aly Mahfuz, "el-Ybadu fi Ma-darril-Ibtida" atly eserinde şeýle diýýär; Emma, Şeýtan olara hapys (hapa) bolan ryzkyň gapysyny açmak üçin muny olaryň nefislerine owadan görkezer. Olar gabryň üstündäki matasyny her ýyl üýtgetjek bolanlarynda, halka şeýle eden ýagdaýlarynda üznüksiz bereketiň olary gurşajakdygyny, munyň kesellere şyfa boljakdygyny, ýönekeý halkyň şerini dep edip, ryzyk we salamaty getirip her hili belany daşlaşdyrjakdygyny aýdyp aldaýarlar. Ýönekeý jahyl halk bolsa muny eşidip, beýle aňsat gazanyljak sogap üçin pulyny bu ýolda esseläp sarp edýärler. (el-Ibdag; sah; 96-97)
[78] Abul-Hasan Nedewiniň nygtamagyna görä bu, Hindistanda çenden geçen toparlaryň we jahyllaryň amalydyr.
[79] Ýazar kitabynda, Tewhydy beýan edýän Hindiçe atlary hem mysal beripdir. Bu atlar hem sahyh bolan akydany görkezýändir. Mysal üçin Hudabahyş (Hibetulla – Allanyň peşgeşi), Allahdaýe (Atyýýetulla) ýaly.

ýagdaýda mälim bolmagyna bendäniň hem ejizligini beýan etmäge sebäp boljak görnüşde Onuň adyny belende götermek (Rebbim, Seýýidim, Ýaradanym diýmek ýaly), and içende Onuň ady bilen ant içmek şeýle hem Allany tagzym etmäge nyşan bolan ençe alamatlary, bularyň ählisini Allahu tagala öwredendir.

Kim bu alamatlardan her haýsy birini pygamberlere, ewliýa, şehitlere, jinlere mahsus etse, kynçylyk we bir bela uçranda olara nezir etse, olaryň adyny tutup çagyrsa, çagasy bolanda olar üçin gurbanlyk etse ýa-da çagalaryna olaryň atlary bilen atlandyrsa (Abdunnebi – pygamber guly, ýa-da Ymam-y bahş – ymamyň peşgeşi, ýa-da Pirbahş – piriň peşgeşi ýaly) ýa bolmasa ekinlerden alnan hasyllaryň, baglardan ýygylan ir-imişleriň bir bölegini olar üçin aýyrsa, iýip-içmesinde we geýinmesinde köne däp-dessurlara hamala Şerigatyň kadalaryna uýýan ýaly uýmak, käbir iýmit ýa-da geýimleri erkek we zenanlardan käbirlerine gadagan etmek, mysal üçin şu tagamy erkekler iýmeli däl diýmek, ýa bolsa şu tagamy ikinji gezek durmuşa çykan aýallar iýmeli däl diýmek, haýyr we şeriň ýüze çykmagyny, gytlyk we bollugy ewliýa we şyhlar bilen baglanyşdyryp «Pylany pylanynyň gargyşyna galyp dälliredi, pylany pylan kişiniň huzuryndan kowulyp garyp düşdi, pylan kişi pylan kişä ýardam etdi welin onuň bagty açyldy we adamlar gidip oňa ýykylmaga, oňa tagzym etmäge başladylar, pylan ýyldyzyň süýnmegi zerarly adamlara açlyk geldi, pylan kişi, pylan gün ýa-da sagatda işe başlady welin işi ugruna bolmady, ýa-da Allanyň Resuly islese şeýle bolar, ýa bolmasa şyhym (pirim, ussadym) islese şeýle bolar» diýse bu ýagdaýlarda şirk ýüze çykar.

Ýaradan zatlaryna mätäç bolmazlyk, çäksiz we şertsiz gudrat eýesi bolmaklyk, çensiz jomartlyk, kahr etmeklik (ähli zatdan üstün çykmak) hem-de jebaret güýjine eýe bolmaklyk – hamala taňry ýaly - «baýlaryň baýy, taňrylar taňrysy, mälikul-mülk (mülkiň eýesi), melikul-mülk (mülkiň şasy)» diýmeklik, pygamberlere, Aly bilen we onuň çagalarynyň her haýsy biriniň ady bilen (on iki ymam ýaly) ýa bolmasa şyhyň ady bilen ýa-da onuň gabry bilen ant içmeklik ýaly işleriň ählisi bilen şirk emele gelýändir. Muňa «Ybadatda şirk» diýilýär. Munyň asly bolsa, Allanyň ýaradan mahluklaryny, edýän amallary bilen Alladan özgesine laýyk bolmaýan dereje we makama çykarmakdan ybaratdyr. Bu görnüşdäki şirkiň dördüsine-de Kurany Kerim we Hadysy Nebewide anyk ýagdaýda nygtalyp geçilýär.[80]

Hanafy ymamlarynyň şirk hakdaky aýdan sözlerini agzap geçenimizden soň, şirkiň bu ymmat arasynda peýda boljakdygy gutulgysyzdygy mälim bolýar. Bu bolsa Ymmaty Muhammet arasynda «uly şirkiň» hiç bir wagt bolmajakdygyny öňe sürýänleriň sözlerini ýer bilen ýegsan edýändir. Akyl eýesi bolan her kim, Ymmaty Muhammet arasynda «Uly Şirkiň» ençe görnüşleriniň peýda bolandygyna arkaýynlyk bilen aň ýetirip biler. Muňa delil bolsa Allanyň resulynyň şu sözleri ýeterlikdir:

[80] Risalatut-Tewhyd, sah; 25-44.

«Meniň ymmatymdan käbir taýpalar müşriklere goşulmasa we hatda ymmatymdan käbir taýpalar bolsa putlara çokunmasa Kyýamat gopmaz»[81]

«Dews (taýpasynyň) zenanlarynyň syrtlarynyň etleri Zul-hilsäniň töwereginde titremese Kyýamat gopmaz» Zul-hilse, Dews taýpasynyň Tibalede jahylyýýe döwründe çokunýan bir putlarydyr.[82]

Ýene Allanyň Resuly: «Gije we gündiz, (käbir adamlar) Lata we Uzza çokunmazdan öň ýok bolup gitmez»[83]

Hadyslarda agzalan bu wakalar, häzire çenli orta çykmadyk hem bolsa, bir boljakdygynda şek-şübhe ýokdyr. Ýöne ymmatyň arasynda, welilere we beýlekilerine ybadat etmek, ybadatlary olara bagyş etmek, olar üçin gurbanlyk nezir etmek, olara doga edip olar bilen **istigasa** etmek ýaly ýene ençe görnüşleri bolan hem-de inkärçilerden başga hemmelere mälim bolan «Uly Şirk» peýda bolandyr.

Allanyň Resuly, köp adamlaryň ünsden sypdyrýan şirkden saklanmak barada şeýle duýduryar;

«Eý ynsanlar! Şirkden ägä boluň! Çünki şirk, garynjanyň ýöreýşinden hem has gizlindir»[84]

Eger-de biri: «Allanyň barlygyny kabul edip, Kyýamata, Haşra we Yslamyň ähli Şerigatyna (ybadat we alamatyna) yman getirýänleri; Allanyň bir bendesiniň diňe Allanyň edip bilýän bir işini edip bilýändigine ynanandyklary sebäpli siz olara neneňsi kapyr we müşrik diýmäge diliňiz barýar? Emma bolsa olar özlerine müşrik diýilmeginden nä razy boluşlary ýaly, üstesine muny gaty ýigrenýärler» diýse, nähili jogap bereris?

Biz hem oňa jogap hökmünde şeýle diýeris: «Musulmanyň başyndan, ýyldyzlaryň täsirlerine ýa-da her haýsy bir mahlugyň peýda we zyýan berip biljegine ynanmak, ýa bolmasa Alladan başgasyna sejde etmek we muňa meňzeş amallar geçip biler. Bularyň ählisi, şol kişiniň üstünden musulmanlyk adyny aýyrar we netije-de ol kafyr hem-de müşrik adyny almaga laýyk bolar. Çünki eger beýle bolmasa, Sahabalar zekaty inkär edenleriň dinden çykandyklarynda bir pikire gelip olar bilen hiç söweşermidiler? Hadys kitaplaryndaky

[81] Müslim. 4/2215 („Tahzirus-Sajid”-de Albany, Müslimiň şertine görädir diýýär) Abu Dawud, Kitabul-Fiten Babu Zikril-Fiten we Delailiha; 4252.
[82] Buhary, Kitabul-Fiten, Babu Tegaýýuriz-zaman hattä Tugbedel-Ewsän, 13/76 (7116). Müslim, Kitabul-Fiten Babu Lä Tekunus-Sagatün hattä Tagbude Dewsun Zal-hilse. 4/2230 (2906). Rowaýatyň ikisi hem Sagyt Ibn Museýýebden, Abu Hureýreden.
[83] Müslim, Kitabul-Fiten we Eşratus-Sagaty, Babu lä Tekunus-Sagatu hattä Tugbede Dewsun Zal-Hilse 4/2230 (2907). Abu Seleme we Aýşe (r.anha) ýoly bilen rowaýat edilen.
[84] Ahmet ibn Hanbel, 4/403, Ibn Ebi Şeýbe, el-Musannaf, 6/70-71 (29547) Buhary, et-Taryhul-Kebir, 58. Rowaýatlaryň ähli ýollary Beni Kahiden bir adamyň üsti bilen, ol hem Abu Musa Eşgaryden. Heýsemi, Mejmeguz-Zewaid, 10/223. şol sanda Ahmet, et-Taberany, “el-Ewsat we el-Kebir”de rowaýat edenler Ahmediň rowaýatçylary Ibn Hibbanyň „ynamdar” diýeni Abu Aly Haryç „sahyh” rowaýatçylardyr. Abu Ýagla, Müsned, 1/60-62 (54,55,56) Huzeýfäniň hadysyndan ol hem Abu Bekrden „Merfug ýagdaýda Ibn Hajer, el-Metalybul-Alyýe, 3/183-de Yshak ibn Rahaweýhe nispet edipdir (daýandyrypdyr). Abu Bekr Merwezi „Müsned”-de (sah;55), el-Hakim et-Tirmizi, Magkyl ibn Ýesar üsti bilen Abu Bekrden (sah;307) Heýsemi, Mejmeguz-Zewaid, 10/224 Abu Ýagla, Şeýhi Amr ibn Huseýn Ukaliden (metrukdyr) el-Elbany, ”Sahyhul-Jamyg”de, 1/694 (3731) sahyhdyr. Abu Nugaým, Hilýe, 7/112 Kaýs ibn Hazmyň Abu Bekrden eden rowaýaty el-Elbany, „Sahyhul-Jamyg”da muňa sahyh diýipdir 1/693 (3730).

«Kitabur-Ridde»-äniň manysy näme? Allanyň resulynyň «Musulman bir kişi üç zatdan başgasynda halal däldir, we dinini terk eden...[85] sözüniň şol sanda «Kim dinini üýtgetse ony öldüriň»[86] sözüniň manysy näme? Mundan soň nädip «Musulman hiç hili ýagdaýda şirke girmez» we «Yslam bilen sypatlanaňdan soň, küfür we şirk täsir edip bilmez» diýip bolar?

Bu babatda aýdylmaly söz şudur: Musulmanlardan belli bir ynsanyň, anyk görnüşde, ol hakda anyk nas (Kuran we Hadys) we hujjet (delil) bolmadyk ýagdaýynda, esasanam ol öz ýagdaýyna jahyllygyndan we düşünmeýandigi zerarly aň ýetirip bilmeýän bolsa, oňa «kapyr» diýip bolmaz. Ýöne, onuň ýagdaýy hakynda hujjet tapylyp, şüphe we jahyllyga mümkinçilik galmadyk ýagdaýynda ol ýene öz düşünjesinde kesirlik etse ol kişiniň müşrik ýa-da kapyrdygy hakda höküm ýüze çykar.

Bu kitabymyzda aýdan sözlerimizden, biziň muwahhyt bolanlary (tewhydy ykrar edýänleri) tekfir edýändigimizi (kapyrlyk ýöňkeýändigimizi) hergiz hiç kim pikir etmesin. Sebäbi «şirk» bilen «küfr» düşünjeleri Şerigatda ady geçýän sözlerdir, hem-de diňe Şerigatda kesgitlenen şertler we çäkleriň içinde ulanylýandyr. Musulmany nä hak ýere tekfir etmek (kapyrlyk bilen ýöňkemeklik) jaýyz däldir.

Edil şolar ýaly hem, Yslamdan çykan «müşrik» we «mürted» kişiniň kapyrdygy hakda höküm bermezlik hem jaýýyz däldir. Selef-i Salyhdan käbirleriniň ynsanlaryň kimisini, gönümel atlaryny tutup tekfir edendikleri mälimdir. Çünki olar, müşrik we kapyr hökmünde at almaga laýyk bolupdyrlar. Ýogsam, «Men Ahmet Kadyýanynyň Allanyň nazarynda pygamberdigine, Allanyň ruhunyň seýit (Ahmet) Bedewiniň bedenine girendigine ynanýaryn» diýen ynsanyň kapyr bolandygyny nädip aýtmarys?

Allame Alusi, gabyrçylar we gabra ybadat edýänler hakda örän inçe we seresaply bolan Ibn Teýmiýýäni goldaýar we olar hakda «tekfir» hökmüni bermekde howlukmazlygyň hem-de olaryň garşysynda hujjet we delil anyk ýüze çykýança bu hökümden saklanmagyň gerekdigini aýdyp şeýle diýýär; «We gabyrlara ybadat edýänler hakda ylym eýesi bolan her kim, olaryň kapyr bolmandyklarynda ikirjiňlenen däldirler. Olaryň sözleriniň maksady budur. Olar ýaly adamlar, toba etdirilmezden we olar babatda delil boljak bir zat tapylmazdan öldürilmezler. Ýa bolmasa munyň ýaly musulmanlaryň hiç birini alymlaryň hiç biri tekfir eden däldir»[87]

Bu meselede (Abdulfettah) Abu Guddanyň, tekfir etmek üçin howlukmazlygyň gerekdigi nygtaýar we şirk we küfür bolan bir amaly işleýäniň kapyr bolandygyna höküm bermek üçin, sözlerini Ibn Teýmiýýäniň we Hanafy alymlardan käbirleriniň hem sözleri bilen güýçlendirip, ähmiýetli düşündirişler berýär. Gysgaça şeýle diýýär:

«Bidgatçylar, anyk we görünip duran küfür işler etmeseler hem-de dinde mälim bolup ynanylmagy we amal edilmegi zerur bolan emirleri inkär etmedik ýagdaýlarynda kapyr bolandyklaryna höküm berip bolmaz. Tä olaryň garşylaryna, kapyr bolandyklaryna ýol açýan

[85] Buhary, 8/38, Kitabud-Diýet, Müslim 3/1302 (1676).
[86] Buhary, 8/50 Kitab Istitabet el-Murted Din.
[87] Gaýetul-Emany, 1/30, 36.

bir hujjet (delil) tapylýança. Ine, mundan soň olaryň kapyr, mürted bolandyklaryna we Yslam dininden çykandyklaryna höküm beriler»[88]

Şeýhul-Yslam Ibn Teýmiýýe şeýle diýýär: «Munyň asly, Kitap (Kuran), Sünnet we Ijmaga (müjtehit alymlaryň gelen garaýyşlaryna) görä küfür bolan söze ‘Ol söz bolmaklyk jähdinden küfürdir’ diýilýändir. Bu bolsa Şerigatdaky delilleriň görkezmesi boýunça berlen hökümdir. Çünki «iman», Alla we Resulyndan alnan hökümlerdendir. Bu küfür sözi sözleýän her haýsy biri hakda, «tekfir şertleri» amala aşýança çenli hiç kimi tekfir edip bolmaz. Mysal üçin biri, Yslama girenden soň kän geçmänkä, şerap ýa-da riba haram däldir diýse, ýa bolmasa çöllerde önüp ösen bir adam bolsa, ýa-da bir söz eşidip onuň Kurandandygyna ýa bolmasa Hadys eşidip onuň hezreti Pygamberiň hadyslaryndandygyna ynanmasa – edil Selef-i Salyhynyň käbirleriniň hiç eşitmedikleri bir hadysy inkär edişleri ýaly – diýip mysal berenden soň şeýle diýdi: «Bular hakda Kitapdan anyk hujjet bolmasa olary «tekfir» edip bolmaz. Pygamberler iberilenden soň, adamlaryň bir hujjeti (bahanasy) bolmaz ýaly (Nisa süresi, 165) Allahu Tagala bu ymmatyň hata (ýalňyşlyk) bilen we ýatdan çykaryp eden işlerini bagyşlandyr.[89] Ibn Teýmiýýe soň sözüni şeýle dowam etdirýär: «Tekfir meselesinde, Muhammet Ymmatyndan ijtihat edip hata eden we bu ijtihadyndan haky maksat edensoň hem ýalňyşy sebäpli şol maksady tapyp bilmeýän kişini tekfir etmek bolmaz. Gaýtam onuň ýalňyşy bagyşlanýandyr. Kim özüne äşgär ýagdaýda hezreti Pygamberiň getirenleri belli bolandan soň, Onuň getiren hidaýata (ýola) ters hereket etse hem-de mömünlerden başgalaryň ýoluna uýsa, kapyrdyr. Kim-de newsiniň arzuw-hyýalyna uýup Haky öwrenmekde kemçilik goýberip ylmy bolmazdan gürlese, ol asy (Alla garşy giden) we günäkärdir»[90]

Başga bir ýerde şeýle diýýär: «Şu bir hakdyr, men we meniň bilen bolanlaryň ählisi bilýändir; men bir adama, ol hakda Risalata (Şerigata) garşy gidip oňa ters hereket eden ýagdaýynda kapyr, fasyk ýa-da asy (Alla garşy gidýän) boljagyny subut ediji bir hujjet bolmasa höküm bermegi berk gadagan edýänlerdendirin. Şunu hem nygtap geçesim gelýär; Allahu Tagala bu Ymmatyň umuman söz we amal meselelerinde eden ýalňyşlyklaryny bagyşlandyr. Bugüne çenli bilýän zadymyz, Selefiň bu babatda bir näçe meseleleri jedelleşendiklerine garamazdan olardan hiç biriniň belli kişä ne küfür, ne fysk ne-de ysýan ýöňkändikleri görülen däldir»

Ibn Teýmiýýe soň käbir mysallar getirip şeýle diýýär: «Men ynsanlara mydama şulary düşündirdim; Selefiň we Ymamlaryň, «şeýle şeýle diýeniň mutlak (şertsiz) görnüşde kapyr bolandygy» hakdaky aýdan sözleri hakdyr. Ýöne, tekfiri mutlak (şertsiz), umumy manyda ulanmaklyk bilen belli kişi hakynda ulanmaklyk arasyndaky tapawuty göz öňünde tutmak zerurdyr. Yslama täze giren bolup biler ýa-da ylym öwrenmek mümkinçiligi gaty pes bolan uzak bir çölde ýaşaýan bolup biler. Bular ýaly kişiler inkär edýän zadynda onuň garşysyna hujjet subut bolýança tekfir edilmez. Ýa bolmasa ol bu adama hiç ylym ýetirilmedik ýa-da ýetirilen hem bolsa onuň ylmynda ornaşmadyk bolup biler, ýa-da onuň şol naslara (aýat we

[88] Kitabul-Mukiza’ (Zehebi) atly esere Abu Guddäniň ýazan „Tetimme”-de sah; 147, 165.
[89] Mejmugul-Fetawa, 35/165.
[90] Mejmugul-Fetawa, 12/180.

hadyslara) garşy bolan başga bir nasy bilýän bolmagy ähtimaldyr we şol sebäpden ony tewil (başgaça tefsir) eden bolup biler, hat-da tewilinde ýalňyşan hem bolsa. Men bu meselede mydama Buhary we Müslimde geçen şu hadysy ýatlaýaryn: Bir adam şeýle diýýär: «Men ölemde meni ýakyň. Soňra küllerimi topraga sürüp alyň-da deňize zyňyň. Eger Alla takdyr eden bolsa maňa şeýle azap eder welin, ynsanlaryň hiç birine bu azaby berjek däldir». Onuň bu wesýedini berjaý etdiler. Alla şol bendä ölenden soň: «Seni bu eden işiňe iteren sebäp nämädi?» soranda bende şeýle diýýär: «Senden gorkdym!» Alla hem ony bagyşlaýar»[91]

Bu adam, Allanyň güýjinden hem-de ölenden we topraga gömülenden soň ony Allanyň täzeden direltjeginden şüphe edýärdi. Muňa garamazdan ol Allanyň özüne jeza bermeginden hem gorkýardy. Şol sebäpden Alla ony bagyşlady. Ijtihat ehlinden bolan we Allanyň resulyna tabyn bolmakda gaýratly we höwesli bolan bir ynsanyň bagyşlanmagy bolsa özgelerine garaňda has makuldyr».

Ibn Useýmin şeýle diýýär: «Bir adam «siz tewilçileri[92] kapyr ýa-da fasyk hasaplaýarsyňyzmy?» diýse ona şeýle jogap bereris: «bir kişiniň kapyrdygy we fasykdygy baradaky höküm bize däl, Alla we Onuň Resulyna degişlidir. Munyň gözbaşy we ýüz tutulmaly çeşmesi, Kitap (Kuran) we Sünnetden ybarat bolan Şerigatdyr. Şol sebäpden hiç bir kişi, Kitap we Sünnetden delil bolmazdan ne tekfir ediler ne-de ol fasyk hasaplanar.

Musulman babatda esasy zat, onuň daş görnüşde (zahyrda) adalatly (dürs) we musulman bolmaklygydyr. Onuň bu häsýetini ýok etjek Şerygat delili bolmasa, onuň adalatlygynyň (dürsliginiň) we musulmanlygynyň dowam edýändigine höküm beriler. Hiç bir görnüşde beýle bir ynsana kapyr ýa-da fasyk diýmekde howlukmak jaýyz däldir. Çünki munda seresap bolmaly iki uly howp bardyr:

**1-nji** ; şol kişi hakda beren hökmümizde Alla ýalan töhmet atyp bileris.
**2-nji** ; Müslimiň Abdylla ibn Omaryň ýoly bilen Alla resulyndan rowaýat eden bir hadysyndaky duýduryş bardyr: «Kişi doganyna kapyr diýse, olardan birine bu höküm yzyna dolanar»[93] Başga bir rowaýatda: «Eger şol kişi (hakykatdan hem) kapyr bolsa, şeýledir. Ýogsa bu söz özüne dolanar» diýen görnüşde geçýär.[94]

Ýene Müslimde Abu Zerden gelen bir rowaýatda Allanyň Resuly şeýle diýýär: «Kim-de bir kişä kapyr ýa-da Allanyň duşmany diýip ýüzlense ol hem beýle däl bolsa, bu höküm onuň özüne dolanar»[95]

Şol sebäpden, bir musulman hakda «kapyr» ýa-da «fasyk» hökmüni bermezden iki zada gaty üns bermelidir:

---

[91] Buhary, Kitabul-Enbiýa, 4/144-151; Müslim, 4/2110 (2756).
[92] Tewilçiler – nassy (aýaty) zahyr (mälim) manysyndan çykaryp, hiç bir zada esaslanmazdan başga bir mana çekmek.
[93] Müslim, Kitabul-Iman, Babu Beýani Hali Men kale li Ehyýhil-Müslim ýä Käfir, 1/60, 79 (111).
[94] Şol ýerde 1/79.
[95] Müslim, Kitabul-Iman, Babu Beýani Hali Men kale li Ehyýhil-Müslim ýä Käfir, 1/79 (112).

**1-nji ;** Küfri (kapyrçylygy) ýa-da fysky (fasyklygy) ýüze çykarýan söz ýa-da amal hakda Kitap (Kuran) ýa-da Sünnetden delil.
**2-nji ;** Bu hökmüň, belli bir sözi sözleýän ýa-da amaly edýänin kapyrdygy ýa-da fasykdygy hakda makul bolmagy üçin zerur şertleriň amala aşmagy we **uzur*** bolup biljek her haýsy bir päsgelçilikleriň ýok bolmagy.

Bu şertleriň iň esasylarynyň biri, bu sözi sözleýän ýa-da amaly edýän kişiniň bu hereketiň kapyr ýa-da fasyk bolmagyna sebäp boljagyny bilmegi bolup durýandyr.

**«Özüne hidaýat (dogry ýol) äşgär bolandan soň Pygamberiň garşysyna gidip, mömünleriň ýolundan başgasyna uýan kişini, özüniň saýlan şol ýoluna gönükdireris we soň bolsa Jähenneme salarys. Ol ýer neneňsi erbet ýerdir»** (Nisa süresi, 115).

**«Alla bir kowmy (adamlary) hidaýata gowuşdyrandan soň, haýsy närselerden saklanmalydygyny anyk beýan etmezden olary dogry ýoldan çykarmaz. Alla her zady Bilermendir. Gökleriň we Ýeriň mülki Allaňkydyr. Ol Diriltiji we Öldürijidir. Siziň Alladan başga ne weliňiz, ne-de ýardamçyňyz bardyr»** (Tewbe süresi, 115-116).

Şol sebäpden ylymdarlar şeýle diýýärler: «Parzlary kabul eden kişi intek Yslama täze giren bolsa, parzlary doly öwrenýänçä, ol hakda uzur bolup biljek päsgeller gidýänçä çenli, şeýle hem ony küfre (kapyrçylyga) ýa-da fyska (fasyklyga) iteriji zatlaryň onuň öz eradasy bilen ýüze çykandygy belli bolmazdan oňa kapyr diýip bolmaz. Muňa mysal hökmünde aýtsak;

Kapyrçylyga iterýän söz ýa-da amala özüniň razyçylygy bolmazdan zorlyga salnan ýagdaýynda ol kişä kapyr diýmek bolmaz.

**«Ýüregi iman bilen dolup duran (mutmain) ýagdaýynda (dinden çykmaga) zorlanan kişi däl-de, iman edenden soň ýürekden küfre razy bolanlaryň üstüne Alladan bir gazap şeýle hem olar üçin uly bir azap bardyr»** (Nahl süresi, 106).

Çensiz şatlyk we gaýgy, gorky ýa-da muňa meňzeş ýagdaýlarda näme diýýänini bilmejek derejede özüni ýitirmek hem uzurlara mysaldyr. Munyň delili, Müslimiň Enes ibn Mälikden, Onuň hem Alla Resulyndan rowaýat eden hadysydyr. Alla Resuly şeýle diýýär:

«Alla, bendesiniň eden tobasyna, sizden biriňiziň bir çölde düýesiniň ýüpi üzülip, üstündäki iýjek-içjegi bilen ýitip gidenden soň, gelip bir agajyň kölegesinde düýesinden umydyny üzüp ýaslanyp oturka, birden düýesini ýanynda dim-dik duranyny görüp, ýerinden turup onuň uýanyndan tutup, çensiz begenjinden ýaňa «Eý Allam! Sen meniň bendäm, men seniň Rebiňdirin!» diýip ýalňyşmagyndaky begenjinden hem has beter begenjekdir»[96] Şeýlelik bilen biz, «tekfir» (kişininiň kapyrçygyna höküm bermek) meselesi bilen baglanşykda, alymlaryň kesgitlän Şerigatdaky şert we çäklerini beýan etdik. Alla gowy bilijidir!

---

[96] El-Kawaydul-Musla fi Syfatyl-Husna, sah; 116-119; Buhary, Kitabud-Degawat, 7/146, Müslim, 4/2104 (2747).